TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GELJEKDE-DE DIÝARYMYZDA AWTOMOBIL ÝOLLARYNYŇ GURULMAGY, DÖWREBAPLAŞDYRYLMAGY, HALKARA ULAG GEÇELGELERINIŇ DÖREDILMEGI BOÝUNÇA NETIJELI IŞLERI DOWAM ETDIRERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
19-njy aprel, 2024. Belgisi 16/1582



17-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen–Mary böleginiň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

# BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY DÖWREBAP GÖRNÜŞDE GAÝTADAN DIKELDILÝÄR

Uzynlygy 600 kilometre deň bolan Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna 2019-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda badalga berildi. Onuň gurluşygy Aşgabat–Tejen (203 kilometr), Tejen–Mary (109 kilometr), Mary–Türkmenabat (288 kilometr) ugurlary boýunça üç tapgyrda amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen–Mary böleginiň başlanýan ýerine geldi.

Şanly waka mynasybetli bu ýere Hökümet agzalary, Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, daşary döwletleriň, halkara guramalaryň ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, Mary welaýatynyň häkimi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, jemgyýetçilik düzümleriniň wekilleri ýygnandylar. Dabara gatnaşýan myhmanlaryň hatarynda Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň XXXVIII mejlisine gatnaşyjylar, beýleki hormatly myhmanlar hem bar.

Hemmeler uly ruhubelentlik we şatlyk-şowhun bilen hormatly Prezidentimizi mübärekleýärler. Döredijilik toparlarynyň ýerine ýetirmeginde eziz Watanymyzy, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleri wasp edýän aýdym-sazly çykyş ýaýbaňlandyrylýar.

## HORMATLY PREZIDENTIMIZ ÇYKYŞ ETDI

Soňra döwlet Baştutanymyz açylyş dabarasy üçin ýörite gurnalan mejlisler jaýyna bardy we bu ýerde çykyş etdi.

Şu gün biz Garaşsyz Watanymyzyň durmuşynda nobatdaky möhüm wakalaryň şaýady bolýarys. Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen–Mary böleginiň açylyş dabarasyna gatnaşýarys. Şeýle hem şu gün Mary welaýatynyň Mary şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, 2 gatly 59 sany ýaşaýyş jaýyndan ybarat toplum dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berler. Welaýatyň ilatyna ýokary hilli hyzmat etjek täze, döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň 200-e golaýy hem sowgat hökmünde gowşurylar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we dabara gatnaşyjylary bu şatlykly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz 2021-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda hormatly Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Aşgabat–Tejen böleginiň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berlendigini, bu gün bolsa awtobanyň ikinji tapgyrynyň, ýagny Tejen–Mary böleginiň gurluşygynyň doly tamamlanyp, ulanmaga berilýändigini, täze ýoluň ugrunda ençeme döwrebap desgalaryň bina edilendigini, ýolagçylar we sürüjiler üçin ähli amatly şertleriň döredilendigini aýtdy.

Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça ýurdumyzyň döwrebap ulag geçelgelerini birleşdirmek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Bu wezipäni üstünlikli amala aşyrmakda Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň ähmiýeti hem örän uludyr. Umumy uzynlygy 600 kilometre deň bolan bu awtomobil ýolunyň gurulmagy gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan döwrebap görnüşde dikeldilýändiginiň nobatdaky güwäsidir diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz nygtady.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýurdumyzyň Ahal we Mary welaýatlarynyň çäginden geçip, paýtagtymyz Aşgabady Lebap welaýaty bilen birleşdirjek Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoly uzak aralygy gysga wagtda geçmäge mümkinçilik berer. Ýolagçylaryň we ýükleriň bökdençsiz gatnawyny üpjün eder. Ýoluň gurluşygynyň doly tamamlanmagy ýurdumyzyň ulag ulgamynyň geçirijilik ukybyny, logistik hyzmatlaryň hilini ep-esli ýokarlandyrmaga şert döreder. Ýurdumyzyň ulag ulgamynyň döwrebap kämilleşdirilmegi milli ykdysadyýetimiziň ösmegine uly itergi berer.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, berkarar döwletimizde ynsan saglygyny goramaga, keselleriň öňüni almaga, sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet berilýändigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz milli saglygy goraýyş ulgamyna döwrüň iň kämil lukmançylyk enjamlarynyň hem-de öňdebaryjy dünýä tejribesiniň ornaşdyrylýandygyny kanagatlanma bilen belläp, şu gün Mary şäherinde açylyp ulanmaga berilýän Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň hem bu ugurda amala aşyrylýan işleriň aýdyň beýanydygyny aýtdy. Şeýle-de, bu döwrebap saglygy goraýyş merkezinde enäniň we çaganyň saglygyny berkitmek üçin ähli mümkinçilikleriň döredilendigini belläp, ilatyň saglygyny goramakda esasy merkezleriň birine öwrüljek merkeziň uzak ýyllaryň dowamynda halkymyza hyzmat etjekdigine ynam bildirdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak barada hem yzygiderli alada edilýär. Ähli amatlyklary bolan döwrebap ýaşaýyş jaýlary gurlup ulanmaga berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Mary welaýatynyň Mary şäherinde bina edilen 2 gatly 59 sany ýaşaýyş jaýyndan ybarat toplumda ýaşamak üçin ähli zerur şertleriň döredilendigine üns çekildi. Raýatlarymyzyň durmuş şertlerini, ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak ugrunda alnyp barylýan işler geljekde hem dowam etdiriler diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Hormatly Prezidentimiz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen–Mary böleginiň, Mary şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň, täze ýaşaýyş jaýlar toplumynyň açylyp ulanmaga berilmegi, şeýle hem Mary welaýatynyň ilatyna döwrebap ýolagçy awtobuslarynyň sowgat hökmünde gowşurylmagy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## HALKARA GÜWÄNAMALARY GOWŞURYLDY

Soňra bu ýerde Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň 109 kilometre uzaýan Tejen–Mary böleginiň gurluşygy hakynda giňişleýin gürrüň berýän wideofilm görkezildi.

Dabarada düzümleýin ýol-ulag desgalaryny güwänamalaşdyrmak işine ýöriteleşen abraýly halkara düzümleriň wekilleriniň çykyşlary diňlenildi.

Ýaponiýanyň «NEC Telecommunication Ltd.» kompaniýasynyň Ankaradaky (Türkiýe Respublikasy) şahamçasynyň baş direktory Jengiz Karabalyk «Ýokary tizlikli awtomobil ýoluna innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylandygy üçin» atly halkara güwänamany, Fransiýanyň «Grenobloise D'Electronique et D'Automatismes» (GEA) kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Serž Aleksis Zaslawoglou «Ýokary tizlikli ýoluň wideogözegçiliginiň hem-de töleg ulgamlarynyň ýokary standartlara laýyk gelýändigi üçin» atly halkara güwänamany, Awstriýanyň «VCE Vienna Consulting Engineers ZT GmbH» kompaniýasynyň güwänamalaşdyrmak işleri boýunça ynanylan wekili Ýadigar Gültekin «Ýokary tizlikli ýoluň gurluşyk işleriniň Ýewropanyň tehniki tassyklama boýunça gollanmalaryna we standartlaryna laýyk gelýändigi», «Ýokary tizlikli ýoluň hil gözegçiliginiň ISO 9001 standartyna laýyk gelýändigi» hem-de «Ýokary tizlikli ýoluň RAA 2008, RAL 2012 ýol gurluşygynyň usuly gollanma taslamalaryna laýyk gelýändigi» hakynda halkara güwänamalary gowşurdylar.

Dabaranyň resmi bölegi tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz mejlisler jaýyndan çykyp, şanly waka mynasybetli, Mary welaýatynyň ilatyna ýokary hilli hyzmat etjek täze ýolagçy awtobuslarynyň açarlaryny dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

Welaýatyň häkimi sowgat berlen täze awtoulaglar üçin hormatly Prezidentimize sebitiň ýaşaýjylarynyň adyndan tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli ähli başlangyçlarynyň üstünliklere beslenmegini arzuw etdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesýär. Şol pursat asmana dürli reňkli şarlar uçurylýar.

## ÝOKARY TIZLIKLI AWTOMOBIL ÝOLUNYŇ GIŇLIGI 34,5 METR

Ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň bu bölegini gurmak we ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak işleri «Türkmen Awtoban» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň buýurmasy esasynda «Altyn nesil» hojalyk jemgyýeti tarapyndan amala aşyryldy. Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Tejen–Mary bölegi alty sany hereket zolagyndan ybaratdyr. Onuň ýer düşeginiň giňligi 34,5 metr, ýol hereket böleginiň giňligi her tarapda 11,25 metr, her hereket zolagynyň giňligi bolsa 3,75 metrdir. Munuň özi tehniki görkezijiler babatda dünýäde şeýle desgalara bildirilýän talaplara laýyk gelýär. Her ugurda hereket zolagyna adatdan daşary ýagdaýlar üçin zolak, suwly ganaw, haýwanlaryň we adamlaryň hereket zolagyna çykmagynyň öňüni almak üçin niýetlenen metal germewler sepleşýär. Täze awtobanyň ýol örtügi birinji derejeli döwrebap serişdelerden – ýokary hilli asfalt-betondan, sintetik örtükden, geogözeneklerden, torlardan we awtomobil ýolunyň netijeli gatlarynyň mäkämligini artdyrýan beýleki serişdelerden ybarat bolup, olar ýol örtüginiň, köp gatly ýer düşeginiň göterijilik ukybyny artdyrmak üçin ulanylýar. ■ 2

# Türkmenistan – sport ýurdy




Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde uly işler amala aşyrylýar. Sagdynlygyň, ruhubelentligiň we bagtyýarlygyň mekanyna öwrülen berkarar Watanymyzyň sport abraýy barha göterilýär.

Gahryman Arkadagymyz «Sport birleşdiriji, ruhlandyryjy güýç hökmünde döwletleriň we halklaryň arasynda parahatçylygy, dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmagyň möhüm şertidir» diýip belleýär. Türkmenistan Watanymyzda halkara ülňülerine laýyklykda yzygiderli gurulýan ençeme bedenterbiýe we saglyk binalary, zamanabap sport we saglyk toplumlary ildeşlerimiziň yzygiderli türgenleşýän ýerlerine öwrüldi. Paýtagtymyzda «Olimpiýa» şäherçesiniň gurlup ulanylmaga berilmegi bilen, bu owadan künjekde ýurt we halkara derejesindäki ýaryşlaryň ençemesi geçirilýär. Futbol, woleýbol, basketbol, hokkeý ýaly sportuň meşhur ugurlary bilen ýaş nesillerimiz yzygiderli meşgullanýarlar, türkmen türgenleriniň halkara ýaryşlaryna gatnaşmagyna giň mümkinçilikleriň döredilmegi netijesinde olar köpsanly baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Türkmenistan häzirki wagtda dünýäde halkara derejesinde geçirilýän çempionatlaryň, sport ýaryşlarynyň ýurdy hökmünde şöhratlanýar. ■ 3

# Halkara informatika olimpiadasy

*Ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde II Açyk Halkara informatika olimpiadasynyň (OIOIUS – 2024) işine dabaraly ýagdaýda badalga berildi.*

Informatika dersi boýunça Açyk Halkara olimpiada Türkmenistanda ilkinji gezek geçirilýär. Dünýäniň 18 döwletiniň, ýagny Russiýa Federasiýasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Germaniýanyň, Rumyniýanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Owganystanyň, Belarus Respublikasynyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň, Ermenistanyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Katar döwletiniň, Liwiýanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we mugallymlary olimpiada gatnaşmak üçin Aşgabat şäherine geldiler. Halkara informatika olimpiadasyna ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň 52 sany ýokary okuw mekdebinden jemi 350-ä golaý talyp, şeýle hem 31 sany daşary ýurtly ýolbaşçy mugallym gatnaşýar.

Olimpiadanyň açylyş dabarasynda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň rektory çykyş edip, daşary ýurtly myhmanlaryň we ýurdumyzyň talyp ýaşlarynyň işjeň gatnaşýandyklary üçin olara minnetdarlyk bildirdi hem-de ähli gatnaşyjylara üstünlikleri arzuw etdi we dünýäniň dürli künjeginden gelen talyp ýaşlaryň we mugallymlaryň bu halkara çärä gatnaşmaklaryna ähli şertleri döredip beren hormatly Prezidentimize köp sagbolsunlaryny aýtdy.





Halkara olimpiadany guramaçylykly geçirmek üçin ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlaryndan eminler topary düzüldi.

Eminler topary Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň professor-mugallymlary tarapyndan işlenip düzülen ýörite programma üpjünçiliginden peýdalanýar.

Halkara informatika olimpiadasy iki tapgyrda geçirilýär. Olimpiadanyň birinji tapgyrynda gatnaşyjylara dürli meseleleri çözmek üçin programmalary işläp düzmek bilen bagly 5 sany ýumuş hödürlenýär. Gatnaşyjylaryň ählisi zerur programma üpjünçiligi bolan şahsy kompýuterler bilen üpjün edilen we olara ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin jemi 180 minut wagt berilýär. ■ 2

# Demir ýollary boýunça hyzmatdaşlyk



Berkarar döwletimizde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynda, şol sanda ulag we kommunikasiýalar ulgamynda Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen oňyn özgertmeler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Häzirki zaman üstaşyr ulag, logistik düzümlerini, aragatnaşyk, telekommunikasiýalar ulgamyny kemala getirmegiň çäklerinde Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeltmek boýunça alnyp barylýan işler munuň aýdyň subutnamasydyr.

15-19-njy aprelde paýtagtymyzda Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (DÝHG) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahatynyň XXXVIII mejlisi geçirildi. ■ 3

## Eýfel diňine berkidiler

Parižde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlarynyň öň ýanynda bäş ýeklymy alamatlandyrýan Olimpiýa halkalary Eýfel diňine berkidiler. Bu barada «Le Parisien» gazeti habar berýär. ■ 4

## Dik durup suw içmek zyýanlymy?!

Diňe bir suwsuzlygy gandyrmak üçin däl, eýsem, bedeniň kadaly işlemegi üçin hem suw içmegiň nähili möhümdigini hemmämiz bilýäris. Gündelik içilýän suwuň mukdaryna we hiline üns bermeli. ■ 5

## 3 toparda çempionlyk gazanan ilkinji sürüji

Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirildi. 5,5 kilometrlik «Americas» trassasynda geçirilen ýaryşda «Aprilia Racing» toparynyň ispan sürüjisi Mawerik Winýales ýeňiş gazandy. ■ 7

## Germaniýadan 2, Ispaniýadyr Fransiýadan 1 klub ýarym finalda

UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň jogap oýunlary geçirilip, ýarym finala çykan 4 topar hem belli boldy. ■ 8

# BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY DÖWREBAP GÖRNÜŞDE GAÝTADAN DIKELDILÝÄR








**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýol düzümi iň ýokary ülňüleri hasaba almak arkaly abadanlaşdyryldy. Onuň ugrunda awtoduralgalar, sürüjilerdir ýolagçylar üçin dynç alyş ýerleri, dükanlar, kafeler, ýangyç guýujy beketler we beýleki desgalar guruldy. Awtomobil ýolunyň ugrunda gözegçilik enjamlary bilen üpjün edilen ýol hereketine gözegçiligi amala aşyrýan gullugyň, tehniki we ýol hyzmat gulluklarynyň nokatlary göz öňünde tutulandyr. Ýol hereketi ulag akymy barada ähli maglumatlary toplaýan, ýatda saklaýan, ýol gözegçilik gullugyna geçirýän üznüksiz ýörite wideogözegçilik ulgamy arkaly dolandyrylýar. Bu ýere meteorologiýa bekedinden ýoluň çyglylygy, görnüş aralygy baradaky we beýleki maglumatlar hem iberilýär. Ýokary tizlikli täze awtomobil ýolunyň ugrunda gaýragoýulmasyz jaňlar we «Tiz kömek» merkezi bilen baglanyşdyrýan telefon aragatnaşygynyň ýörite nokatlary oturdylypdyr.

### AWTOMOBILLERIŇ HEREKETINE AK PATA BERILDI

Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň täze bölegi açylandan soňra, hormatly Prezidentimiz awtomobilleriň hereketine ak pata berip, ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň ugrunda gurlan desgalarda döredilen şertler bilen tanyşdy.

Inženerçilik talaplaryna laýyklykda, çagyl-çäge garyndysy düşelen gatlagyň galyňlygy 60 santimetre, owradylan çagyl-çäge garyndyly soňky iki gatlagyň hersiniň galyňlygy hem 20 santimetre deňdir. Mundan başga-da, ýoluň gurluşygynda galyňlygy 22 santimetr bolan üç gat asfalt düşemek işleri ýerine ýetirildi. Ýoluň gurluşygynda dürli köprüleri, ýerasty we ýerüsti geçelgeleri gurmak boýunça işler doly amala aşyryldy. Halkara talaplary hasaba almak bilen, täze awtomobil ýolunyň ugrunda 69 sany desga, şol sanda suw geçirijiler, haýwanlary geçirmek we oba hojalyk tehnikalary üçin ötükler, inženerçilik-kommunikasiýa ulgamlary guruldy.

* * *

Şol gün Mary welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň we Mary şäheriniň Mary–Aşgabat awtomobil ýolunyň ugrunda gurulýan kottejler toplumynyň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy boldy.

Merkez iki sany aýratyn binadan ybarat bolup, olar eneler we çagalar üçin niýetlenendir. Zenanlara lukmançylyk kömegini bermäge niýetlenen bina 200 orunlyk bolup, çaga dogrulýan, göwrelileriň patologiýasy, ginekologiýa bölümlerini öz içine alýar. Ähli amatlyklary bolan iki gatly, kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň 59-sy ulanmaga berildi. Ýakyn geljekde olaryň jemi 200-sini gurmak meýilleşdirilýär.

## Halkara informatika olimpiadasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara olimpiadanyň ikinji tapgyrynda talyplara kiberhowpsuzlyk meselelerini 180 minutyň dowamynda toplumlaýyn çözmek üçin tehniki ýumuşlar hödürlenýär. Ikinji tapgyrda ýerine ýetirilen ýumuşlar kompýuterde seljerilip, özbaşdak baha berýän monitoring programmasy arkaly jemlenilýär. Olimpiadanyň netijesi gatnaşyjylaryň iki tapgyrda toplan ballarynyň jemi esasynda kesgitlenýär.

Olimpiadanyň ýeňijileri altyn, kümüş, bürünç medallar we degişlilikde, 1-nji, 2-nji, 3-nji derejeli diplomlar bilen sylaglanýar. Olimpiada gatnaşyjylara degişli sertifikatlar gowşurylýar.

Halkara informatika olimpiadasynyň işiniň netijesi şu gün jemlenip, olimpiadanyň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe talyp ýaşlaryň ylmy garaýyşlary» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirilýär we ýeňijiler sylaglanylýar.

Halkara olimpiadanyň çäklerinde daşary ýurtly myhmanlar üçin paýtagtymyzyň gözel künjeklerine, şol sanda milli muzeýlere, söwda we dynç alyş merkezlerine, şeýle-de «Nusaý» ýadygärlikler toplumyna gezelençler guralýar.

**Amanmyrat ARAZOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň aspirantura bölüminiň baş hünärmeni.*

## Halkara hokkeý ýaryşy dowam edýär

*15–20-nji aprel aralygynda Aşgabatdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda Halkara hokkeý ýaryşy geçirilýär. Aşgabatdaky hokkeý baýramçylygyna 10 ýurtdan 10 topar gatnaşýar. Olar ýurdumyzyň «Galkan», Özbegistan Respublikasynyň «Feniks», Oman Soltanlygynyň «Oman Nationals», Bahreýn Patyşalygynyň «Bahrain Ice Hockey Club», Gazagystan Respublikasynyň «Akmola», Türkiýe Respublikasynyň «Team-Türkiýe», Gyrgyz Respublikasynyň «Dordoý», Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň «Adihis-Kazan», Eýran Yslam Respublikasynyň «Ice Box Iran Mall» we Belarus Respublikasynyň «Wolat» hokkeý toparlarydyr.*

Halkara ýaryşda «Galkan», «Feniks», «Oman Nationals», «Bahrain Ice Hockey Club» we «Ice Box Iran Mall» toparlary «A», «Akmola», «Team-Türkiýe», «Dordoý», «Adihis-Kazan» we «Wolat» toparlary bolsa «B» toparçada çykyş edýär.

Halkara ýaryşyň ilkinji duşuşygy Özbegistanyň «Feniks» topary bilen Oman Soltanlygynyň «Oman Nationals», toparynyň arasynda boldy. Duşuşygyň ilkinji minutlaryndan toparlar birek-biregiň derwezesinden şaýbany geçirmek üçin amatly mümkinçilikler döretdiler. Ýöne özbek hokkeýçileri omanly garşydaşlaryndan has üstün oýun görkezdi. Şonuň netijesinde, Özbegistanyň «Feniks» topary garşydaşy Oman Soltanlygynyň «Oman Nationals» toparynyň derwezesinden 11 şaýba geçirdi. Duşuşyk 11:3 hasabynda özbek hokkeýçileriniň peýdasyna tamamlandy.

Şeýle hem «B» toparçanyň ilkinji duşuşygynda Gazagystanyň «Akmola» topary Türkiýäniň «Team-Türkiýe» toparyndan 5:3 hasabynda üstün çykdy. Ýurdumyza wekilçilik edýän Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Galkan» topary ýaryşa ýeňiş bilen başlady. Türkmen topary Bahreýniň «Bahrain Ice Hockey Club» topary bilen duşuşdy.



Duşuşykda ynamly ýeňiş gazanan «Galkan» topary garşydaşynyň derwezesinden 8 şaýba geçirdi. Oýun 8:1 hasabynda tamamlandy.

16-njy aprelde Aşgabatdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda hokkeý boýunça halkara ýaryşyň ikinji gününiň duşuşyklary geçirildi. Olarda Türkmenistanyň «Galkan», Belarusuň «Wolat», Gazagystanyň «Akmola» we Eýranyň «Ice Box Iran Mall» toparlary garşydaşlaryndan üstün çykdylar. Has takygy, günüň birinji ýarymynda «Galkan» Omanyň «Oman Nationals» toparyny 15:1 hasabynda ýeňip, şu ýaryşyň iň uly hasaply ýeňşini gazandy. Şeýle hem günüň birinji ýarymynda «Wolat» Türkiýäniň «Team-Türkiýe» toparyndan 3:0 hasabynda üstün çykdy. Günüň ikinji ýarymyndaky duşuşyklarda «Ice Box Iran Mall» «Bahrain Ice Hockey Club» toparyny 8:1, «Akmola» bolsa «Dordoý» 5:3 hasabynda utdy.

17-nji aprelde Aşgabatda geçirilýän halkara hokkeý ýaryşynda üçünji günüň duşuşyklary boldy. «A» toparçada geçirilen ilkinji duşuşykda «Galkanyň» hokkeýçileri Eýranyň «Ice Box Iran Mall» toparyny 13:1 hasabynda ýeňdi. Bu toparçadaky ikinji oýunda Özbegistanyň «Feniks» kluby Bahreýniň «Bahrain Ice Hockey Club» toparyny ýeňdi – 13:3. «B» toparçada «Wolat» kluby «Akmola» toparyny ilkinji ýeňlişine sezewar etdi – 6:4, şeýle-de, «Adihis-Kazan» topary «Team-Türkiýe» klubuny ýeňdi – 5:1.

### «GALKAN» FINALDA

Türkmenistanyň «Galkan» hokkeý kluby Aşgabatda geçirilýän halkara ýaryşynda toparçadaky 4-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Ildeşlerimiz «Feniks» toparyny 9:1 hasabynda ýeňip, finala çykdy. Toparçadaky ähli duşuşygynda-da uly hasaplar bilen ýeňiş gazanan ýurdumyzyň 8 gezek çempiony «Galkan» hokkeý kluby 12 utuk toplap, «A» toparçada möhletinden öň 1-nji orny eýeledi.

«Galkanyň» final oýny boýunça bäsdeş topary 19-njy aprelde – «B» toparçadaky ýaryşlaryň jemleýji gününde belli bolar. Bu toparçada 1-nji orna dalaş edýänler «Adihis-Kazan», «Wolat» we «Akmola» toparlarydyr.

Ýaryş 20-nji aprelde tamamlanar.

## ÝANGYN HOWPUNYŇ ÖŇÜNI ALMAGYŇ DÜZGÜNLERI

Gadymy döwürlerden bäri tebigatyň baýlyklaryndan tygşytly peýdalanmak barada dürli çäreler durmuşa geçirilip gelnipdir. Şeýle çäreleriň hataryna öri meýdanlaryň ösümlik örtügini goramak maksady bilen, ol ýerleri wagtal-wagtal çalşyryp durmak, guşlardyr beýleki haýwanlaryň köpelýän döwründe olary awlamazlyk ýaly ençeme çäreler degişlidir. Ýurdumyzyň iň gymmatly tebigy baýlyklarynyň biri hem emeli döredilýän tokaý seýilgäh zolaklarydyr. Agaçlar adamlaryň dem almagy üçin gerekli kislorody bölüp çykaryp , howany arassalaýar. Şeýle hem tokaýlar halk hojalygynyň pudaklaryny çig mal bilen üpjün edýär. Tokaýlary otdan goramak hemmeleriň, şeýle-de Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärleriniň borjy bolup durýar. Ýangynlaryň döremegine, köplenç adamlar sebäp bolýar. Ýangyn söndürilmedik ot, taşlanan çilim, otluçöp, guran otlaryň ýakylmagy, çüýşelerden we aýna böleklerinden Gün şöhlesiniň geçmegi bilen döreýär. Yssy howada, esasan hem, arça ekilen tokaý seýilgäh zolaklarynda ýangynyň döremegine sähelçe uçgun ýeterlikdir. Tokaý seýilgäh zolaklarynyň çäklerinde, şäheriň dynç alyş merkezlerinde, demir ýollaryň ugrunda, sähra-öri meýdanlarda guran hapa-haşal otlary ýakmak gadagandyr. Tokaý seýilgäh zolaklaryna barlanda ýangyn howpsuzlyk düzgünleri berjaý edilmeli. Meýdanlarda ot ýakylmaly bolnanda, seresapsyzlyga ýol berilmeli däl. Ot ýakylmazdan öň daştöweregi guran ot-çöplerden arassalanan ýarym



metr çuňlukda gazylan ýer taýýarlanyp, oduň ýaýramazlygyna göz ýetirmeli. Ot ulanyp bolnandan soň, gum sürüp ýa-da suw sepip doly söndürmeli. Awtoulaglaryň sürüjileri meýdanlarda guran ot-çöpleriň üstünden sürenlerinde, awtoulaglaryň tüsseçykarlaryndan uçgunlaryň çykmagy netijesinde ýangyn hadysasynyň döremeginiň mümkindigini ýatdan çykarmaly däl.

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäher Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlyk bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň müdiriniň işgärler boýunça orunbasary, içerki gullugyň maýory.*

## Näçe sagat uklamaly?

Islendik ýaşdaky adam ýeterlik derejede ukusyny almasa, onuň gündelik iş tertibine täsir edýär. Bu ugurda häzire çenli geçirilen barlaglar uky ýetmezçiliginiň saglyga näderejede täsir edip biljekdigini ýüze çykardy. Uklamak diňe dynç almak üçin däl, öwrenmek, ýatkeşligiňi saklamak, bir zat barada belli netijä gelmek we hatda deriniň saglygyna hem täsir edýär. Ukusyny almadyk adam ünssüz bolup täze zatlary öwrenip bilmeýär, öwrenen zadyny ýadyna salmakda kynçylyk çekýär. 6 sagatdan az uklamak ýürek üçin zyýanly hasaplanýar. Lukmanlaryň bellemeklerine görä, ukusyz adamyň gan basyşy ýokarlanýar. Ukusyny almadyk adamyň pikiri garjaşyk bolýar. Lukmanlar



uly adamlaryň günde 7-8 sagat uklamagyny maslahat berýärler. Az ukynyň deriniň ir «garramagyna» getirmeginiň sebäbi, işdä bilen baglydyr. Ukusyz gezen adamyň has köp ýagly we şekerli iýmitleri iýesi gelýär. Bu bolsa artykmaç agramyň döremegine sebäp bolup biler.

**Tyllagözel NURYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Olimpiadanyň alawy ýakyldy

Gresiýanyň gadymy Olimpiýa şäherinde şu ýylyň tomsunda geçiriljek Olimpiýa oýunlarynyň alawy ýakylyp, Parije tarap ýola rowana boldy.



33-nji gezek geçirilýän Olimpiada üçin ýörite guralan dabara Halkara Olimpiýa Komitetiniň başlygy Tomas Bah, Pariž 2024-iň Guramaçylyk komitetiniň başlygy Toni Estenž we beýleki myhmanlar gatnaşdylar. Olimpiýa oýunlaryň başlanmagyna 100 gün galanda gadymy Olimpiýa oýunlarynyň dörän ýeri bolan adybir şäherde dabara geçirilýär. Olimpiýa alawy gadymy grek däbi bolup, häzirki zaman Olimpiýa oýunlarynyň hem simwoly hasaplanýar. 4 ýyldan bir gezek geçirilýän Olimpiadalarda oduň ýakylan ýeri hasaplanýan Olimpiýa şäherinden bir alaw alnyp, oýunlaryň geçiriljek şäherine äkidilýär. Olimpiýa alawynyň açylyş dabarasynda ulanylmagy bolsa, türgenleriň we tomaşaçylaryň arasynda dostlugy emele getirýär.

**Meýlis SÜLEÝMANGULYÝEW,**
*Magtymguly etrabyndaky Döwletgeldi Ökdirow adyndaky 18-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Iň arzyly Ýewropa şäherleri

«Resonance Consultancy» maslahat beriş kompaniýasy dürli maglumatlary, täzelikleri we maslahatlary berýän «Tripadvisor» platformasyndaky teswirlerden hem-de beýleki ölçeglerden peýdalanyp, Ýewropanyň ýaşamak üçin iň gowy şäherleriniň sanawyny ýaýratdy. Sanawyň birinji ornuny London eýeleýär. Dünýä dili hasaplanýan iňlis dilini has gowy öwrenmek üçin ýaşlaryň okamaga barýan şäherleriniň sanawynda hem öňdeligi eýeleýän London syýahatçylar üçin hem uly mümkinçilik döredýär. Maglumatda bu şäheriň talyplaryň, daşary ýurtly maýadarlaryň we syýahatçylaryň barmak isleýän ýerleriniň arasynda öňdeligi eýeleýändigi bellenilýär. Dünýäniň syýahatçylyk paýtagty hasaplanýan Pariž ikinji, Germaniýanyň paýtagty Berlin üçünji bolupdyr. Rim, Madrid, Praga, Barselona, Amsterdam, Stambul we Milan ilkinji onluga giripdir.



**Mahym ANNAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Robotaksiler synagdan geçirilýär

«Alphabet» konglomeratyna degişli bolan «Waymo» kompaniýasy ABŞ-nyň Atlanta şäherinde sürüjisiz hereket edýän ulaglary – robotaksileri synagdan geçirip başlady. Kompaniýa häzirki wagtda Los-Anjeles, San-Fransisko we Buffalo şäherlerinde robotaksi hyzmatyny hödürleýär. Onuň bäsdeşi «Cruise» kompaniýasy bolsa, Ostin, Hýuston, Dallas, Maýami we Finiks şäherlerinde bu hyzmaty ýola goýupdy. Emma ýüze çykan bökdençlik sebäpli bu hyzmaty togtadypdy. Kompaniýanyň wekili taksileri dolulygyna sürüjisiz ýagdaýda synagdan geçirmek isleýändiklerini aýtdy. Geljekde bu ulaglaryň müşderileriň hyzmatyna hödürlenmegi maksat edinilýär.



**Merdan NAZARGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## «Apple» Indoneziýada maýa goýar

«Apple» kompaniýasy Aziýadaky önümçiligini artdyrmaga uly ähmiýet berýär. Häzirki wagtda Hytaýda we Hindistanda önümçilik desgalary bolan tehnologiýa ägirdi Indoneziýada hem önümçiligi ýola goýmakçy. Bu barada kompaniýanyň ýolbaşçysy Tim Kuk bilen Indoneziýanyň Prezidenti Joko Widodonyň arasynda geçirilen gepleşiklerde hem ara alnyp maslahatlaşyldy. Kompaniýa smartfonlarynyň we planşetleriniň agramly bölegini Hytaýda ýygnaýar. Bu önümçiligi diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen Wýetnamda hem-de Hindistanda önümçiligini artdyrmaga başlan amerikan kompaniýasy Indoneziýadaky maýa goýum mümkinçiliginden hem peýdalanmak isleýär. Indoneziýa köp ilatly hem amatly bazar bolup durýar.



**Wepa ŞÖHRATOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Iň köp ýük geçirilýän howa menzili

Halkara Aeroportlar Geňeşi tarapyndan ýaýradylan maglumata görä, Gonkongyň Halkara howa menzili geçen ýyl ýük göwrümi babatda dünýäde birinji bolupdyr. Şeýlelikde, howa menzili soňky 13 ýylyň dowamynda bu ugurda birinjiligini saklap galdy. Gonkong Halkara howa menziliniň ýolbaşçysy Jek So aeroportyň netijeli we ýokary hilli hyzmatynyň birinji bolmaga şert döredýändigini mälim etdi. Howa menzilinde häzirki wagtda uzak möhletli zerurlyklara jogap bermek üçin «Üç ýol» ulgamy durmuşa geçirilýär. Bu ulgam aeroportyň ýolagçylarynyň sanyny 120 milliona we ýük geçirimlerini 10 million tonna ýetirmäge mümkinçilik berer. Taslamanyň ýylyň ahyryna çenli tamamlanmagyna garaşylýar.



**Ýusup GULOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Sagatdaky tizligi 400 kilometre ýeter

Hytaýda sagatdaky tizligi 400 kilometre ýetýän otly işlenip taýýarlandy. Ýokary tizlikli «CR450» otlusynyň önümçiligine şu ýyl başlanmagyna garaşylýar. Ýokary tehnologiýanyň önümi bolan otly has kämil hereketlendiriji we howpsuzlyk ulgamy bilen üpjün edilipdir. Ulanylan sanly tehnologiýa otlynyň agramyny optimizirlemäge mümkinçilik berýär. Mundan ozalky «CR400» otlusyndan has ýeňil we has çalt bolan otly, takmynan, 20 göterim az energiýa sarp edýär.



Hytaý soňky ýyllarda ýokary tizlikli otly ýollaryny gurmakda we otlulary öndürmekde uly ösüş gazandy. Dünýäniň iň köp ilatly ikinji ýurdunyň iri şäherleriniň köpüsi demir ýollary arkaly birikdirilendir.

**Perhat SAPAROW,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## Emeli aň ulgamyndaky ösüşler

Soňky döwürde tehnologiýa dünýäsinde emeli aň ulgamyna has köp üns berlip başlandy. Bu ugurda täze kompaniýalar döredilip, olaryň işläp düzmelerine aýratyn ähmiýet berilýär. Kompýuter programma üpjünçiligi dünýäsiniň ägirdi «Microsoft» kompaniýasy bu ugurda birnäçe maýa goýumlary özleşdirdi. Amerikan tehnologiýa kompaniýasy Birleşen Arap Emirlikleriniň «G42» emeli aň startapy üçin 1,5 milliard dollar maliýe serişdelerini gönükdirmegi maksat edinýär. Şonuň netijesinde BAE-niň bu kompaniýasy özüniň emeli aň işläp düzmelerini amerikan kompaniýasynyň «Azure» bulut tehnologiýa platformasy bilen amala aşyrar. Şeýlelikde, bu kompaniýalar bilelikde Ýakyn Gündogar, Merkezi Aziýa we Afrika ýurtlary üçin ösen emeli aň we sanly infrastruktura taslamalaryny işläp taýýarlarlar.



**Aýşat DÖWRANOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## «Samsung» gaýtadan öňe geçdi

Ýylyň birinji ýarymynda dünýäde 289,4 million smartfon satylyp, onuň 20,8 göterimini «Samsung» telefonlary emele getirdi. Şeýlelikde, koreý brendi köp wagtdan bäri bu ugurda birinji bolup gelýän «Apple»-den öňe geçip ozalky ornuna gaýdyp geldi. IDC kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, ýylyň üç aýynda umumy smartfon satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 7,8 göterim köp bolupdyr. Ýanwar-mart aýlarynda «Samsung» 60,1 million «akylly» telefon satypdyr. Koreý kompaniýasynyň satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 0,7 göterim pese gaçypdyr. «Apple»-iň smartfon satuwy 9,6 göterim düşüp, 50,1 million bolupdyr. Şeýlelikde, amerikan brendiniň bazar paýy 20,7 göterimden 17,3 göterime düşüpdir. «iPhone»-laryň satuwynyň peselmegine hytaý bazaryndaky düşüş täsir edipdir.



**Mylaýym AGYLOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 19-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113818
Belgisi: 16/1582
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Dil – kämilligiň açary

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy netijesinde ýurdumyzda halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürilýär. Şu jähetden milli bilim ulgamynyň dünýäniň bilim giňişligine sazlaşykly goşulmagynda dünýä dilleriniň hyzmatyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýaşlarymyzyň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegi, watançylygyň belent ruhunda terbiýelenmegi, täze bilimleri özleşdirmegi bilen baglanyşykly möhüm wezipeleriň durmuşa geçirilýändigini aýratyn bellemek gerek. Ylym-bilimi öwrenmekde dil bilimine möhüm orun degişlidir, çünki dil bilýän hünärmen ylmy edebiýatlardan peýdalanyp bilýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň innowasion tehnologiýalarda dünýäniň bilim giňişliginde mynasyp orny eýelemegi üçin tagalla edilýär. Ýurdumyzda «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» hem-de «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» hereket edýär. Bu resminamalara laýyklykda, milli bilim ulgamyna dünýäniň öňdebaryjy ylym, bilim merkezleriniň tejribesi ornaşdyrylýar.

Mekdepleriň kompýuterler bilen üpjün edilmegi, internet ulgamyna birikdirilmegi üstünliklerden habar berýär. Tehnikanyň



gazananlary bilen aýakdaş gitmek döwrüň esasy talabydyr. Häzirki döwürde iňlis dilini bilmek uly ähmiýete eýe boldy. Bu dil halkara gatnaşyklarda, syýasy, diplomatik, ylmy, lukmançylyk, bilim, medeniýet we işewürlik ulgamynda öňdebaryjy orny eýeleýär.

Ýaşlaryň ene dilini, iňlis we rus dillerini kämil bilmegini gazanmak barada bilim ulgamynyň öňünde goýlan wezipeler üstünlikli ýerine ýetirilýär. Ýaşlar bu dilleri öwrenmek arkaly daşary ýurtlaryň medeniýeti, ýaşaýyşy bilen giňden tanyşýar.

Mugallymyň öwretmek usullarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem her bir okuwçynyň başarnygyny öwrenmek we onuň ýaşyna görä sapaklary guramakdyr. Dilçi alymlaryň bellemegine görä, dil pikirleniş bilen berk baglanyşyklydyr. Şu nukdaýnazardan okuwçylara dil öwretmek olaryň pikirlenişini ösdürýär. Sapak guramaçylykly geçirilen ýagdaýynda okuwçylaryň dünýä dillerine söýgüsi has-da artýar.

Daşary ýurt dillerini öwrenmek dünýägaraýşymyzy giňeltmegiň, dünýä bilen aragatnaşyk saklamagyň möhüm şertidir. Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini bilmek zerur hasaplanýar, çünki täze tehnologiýalardan baş çykarmak, dünýä ýaşlary bilen aýakdaş gitmek döwrüň möhüm talaby bolup durýar. Şonuň üçin ýörite mekdebe çenli çagalar edaralarynda körpelere iňlis we rus dilleri öwredilip başlanýar.

Ýaş nesillere döwrebap bilimleri öwretmekde giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Çemen KAKYŞOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# Hormatly Prezidentimiziň kitaplary – ylmy we ruhy gollanma

Taryhy geçmişimizden bilşimiz ýaly, dünýäniň ähli halklary kitaba uly sarpa goýup, ony durmuşyň bezegi, ýaşaýşyň manysy hasaplapdyr. Kitap hemme döwürde-de halkyň gündelik durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Kitap okamak adama dynç berýär, ruhuny baýlaşdyrýar, dünýägaraýşyny giňeldýär. Kitap – ruhy hazyna. Altyndan hem gymmatly bolan bu hazyna adama ömrüniň ahyryna çenli ýoldaş bolsa, oňa manyly ýaşamaga kömek eder. Çünki kitap adamlara köp sanly maglumatlary peşgeş berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkyna peşgeş berýän döwlet ähmiýetli kitaplary halkymyz hem-de dünýä jemgyýetçiligi üçin gollanma bolup hyzmat edýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen halkyna sowgat beren «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» hem-de «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaplary ýaşlarda hem-de türkmen ylmy jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi. Bu kitaplar halkymyzyň, esasan hem, ýaşlaryň ýankitabyna öwrüldi.

«Bu kitaby ýazmakdan maksadym, türkmen we daşary ýurtly okyjylarymy ýurdumyzda alnyp barylýan il-halk bähbitli işleriň geriminiň giňligi, tagallalaryň beýikligi bilen tanyşdyrmakdan, şeýle hem olary beýik döwletimiziň bagtyýar hem-de ajaýyp geljegi üçin belent işlere ruhlandyrmakdan ybaratdyr» - diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly eseri barada belläp geçýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň bosagasynda bize «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabyny serpaý ýapypdy. Çuňňur many-mazmuna ýugrulan bu ajaýyp eser biziň ruhy ganatymyza, ylham çeşmämize öwrüldi. Hut şu kitapdan täsirlenip, ýaşlaryň ylym-bilime, sportuň we sungatyň dürli ugurlaryna bolan gyzyklanmalarynyň artmagy biziň gündelik işimize-de täzeçe öwüşgin çaýdy.

Onuň yzysüre hormatly Prezidentimiziň çapdan çykan täze eseri ady äleme dolan Änew medeniýetini, onuň dünýäniň medeni ösüşindäki mynasyp ornuny ylmy maglumatlara salgylanmak arkaly beýan edýän gymmatly esere öwrüldi. Üç dilde çap




edilen kitabyň dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döretjekdigi hem şol anyk taryhy maglumatlar bilen berk baglydyr. Sebäbi halkymyzyň şöhratly geçmişinden, gurmak, döretmek ýaly sogaply ýörelgelerinden söhbet açýan ylmy maglumatlaryň her biri ylmy jemgyýetçiligi täze taryhy açyşlara çagyrýar. Änewiň taryhy gymmatlyklary özboluşly sungat eserleri bolup, olar ata-babalarymyzyň dünýäniň medeni ösüşine goşan ummasyz goşantlarynyň buýsançly tassyknamasydyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, Änew – taryh üçinem, şu günümiz we geljegimiz üçinem täsin bir älem. Alymlar bu topragyň her daban ýeriniň taryhdygyny, gymmatly tapyndylara baýdygyny biragyzdan tassyklaýarlar.




Hut şu toprakdan tapylan bugdaý däneleri Türkmenistany ak bugdaýyň Watany hökmünde dünýä tanatdy. Gadymy ynanç-ygtykatlara görä, bugdaý önýän toprak keramat hasaplanylýar. Kitapda bu barada getirilýän taryhy maglumatlardan bugdaý ösdürip ýetişdiren we desterhanlaryň doly bolmagyny üpjün eden merdana halkymyzyň umumadamzat ýaşaýşyna bahasyna ýetip bolmajak genji-hazyna goşandygyna akyl ýetirýärsiň.

Ýakynda Türkmenistanyň Berlin şäherindäki ilçihanasynda hormatly Prezidentimiziň bu iki eseriniň, ýagny «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» we «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly iki kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Çärä Türkmenistanyň ilçihanasynyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň döwlet edaralarynyň wekilleri, şeýle hem talyp ýaşlar gatnaşdylar. Gatnaşyjylar ýaş nesli dogruçyllyk, watançylyk we zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemekde bu kitaplaryň aýratyn ähmiýetini nygtadylar.

Hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, belent başynyň aman, ruhy dünýämizi baýlaşdyrýan ilhamly eserleriniň höwrüniň köp bolmagyny, döwletli işleriniň elmydama rowaç almagyny arzuw edýäris.

**Sona ISLAMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Sport syýasatynyň oňyn netijeleri

Ýurdumyzda halkyň sagdyn ýaşamagy ugrunda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň netijesinde bedenterbiýe we sport hereketini ýola goýmagyň täze usullary kemala geldi hem-de şol ugurda halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmagyň düýp esasy döredildi. Sport syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda köpugurly stadionlar, bedenterbiýe we sagaldyş toplumlary, aýlawlar, sport mekdepleri we beýleki dürli desgalar guruldy.

Ýurdumyzda türgenlerdir hünärmenleri taýýarlamagyň täze usullary we sport oýunlaryny geçirmegiň tejribesi kämilleşdirildi. Türkmen türgenleri daşary ýurtlarda geçirilýän ýaryşlara işjeň gatnaşyp baýrakly orunlary gazanýarlar.

Ýurdumyzda sportuň gyşky görnüşleri bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikler döredildi. Aşgabatda sportuň gyşky görnüşleri boýunça Sport toplumy, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda uly göwrümli buz meýdançalaryndan ybarat bolan köpugurly sport toplumy guruldy. Hokkeý boýunça milli çempionat oýunlary bolsa, indi birnäçe ýyldan bäri geçirilýär, sportuň figuraly buzda typmak we sport-trek ýaly görnüşleri ösdürilýär. Ýeri gelende bellesek, häzirki günlerde paýtagtymyzyň Gyşky oýunlar sport toplumynyň 10 müň orunlyk buz meýdançasynda şaýbaly hokkeý boýunça halkara ýaryş gyzgalaňly dowam edýär. Oňa Ýewropanyň we Aziýanyň 10 ýurdundan toparlar gatnaşýar.



Halkara derejeli ökde türkmen türgenlerini, ussat tälimçileri we beýleki ugurdaş hünärmenleri taýýarlamak boýunça 2021-2025-nji ýyllarda Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň we ösdürmegiň milli maksatnamasynyň, beýleki döwlet maksatnamalarynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Amala aşyrylýan özgertmeler sport ussatlygynyň ýokary derejelere çykmagyna ýardam edýär.

Sport ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny barha berkitmek maksady bilen we bütindünýä olimpiýa hereketine girişmek üçin Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça ýöriteleşdirilen edarasynyň sportda doping serişdelerini ulanmaklyga garşy göreşi boýunça Halkara Konwensiýasyny tassyklady, olimpiýa nyşanlaryny gorap saklamak baradaky Naýrobi ylalaşygyna goşuldy, şeýle-de ýurdumyzda Milli antidoping agentligi döredildi.

Milli sport ulgamynda uly özgertmeleriň amala aşyrylmagy netijesinde, öz üstünlikleri bilen ýurdumyzyň dünýä giňişligindäki abraýyny has-da belende götermäge taýýar zehinli ýaşlaryň täze nesli kemala gelýär. Şeýle hünärmenleri taýýarlamakda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty möhüm orny eýeleýär. Şeýlelikde, ýurdumyzda sport bilen meşgullanmagyň barha giň gerime eýe bolýandygy ýaş nesliň sagdyn durmuş ýörelgesini saýlap alýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Abadan ýurtda, parahat durmuşda il-ýurt bähbitli döwletli işlere goşant goşmak her birimiz üçin uly bagt, belent mertebe. Öňde duran beýik işleriň, belent sepgitleriň ýokary ruhubelentlikde üstünlikli amal edilmeginde sport bilen meşgullanýan gujur-gaýratly ýaşlarymyzyň hem mynasyp goşandy bolar.

**Ýedibaý BAÝRAMDURDYÝEW,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# Demir ýollary boýunça hyzmatdaşlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu iri çärä 22 ýurduň – Russiýa Federasiýasynyň, Belarusuň, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Eýranyň, Owganystanyň, Hytaýyň, Mongoliýanyň, KHDR-niň, Koreýa Respublikasynyň, Laosyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň, Estoniýanyň, Latwiýanyň, Polşanyň, Çehiýanyň, Slowakiýanyň, Wengriýanyň hem-de ýurdumyzyň wekiliýetleri gatnaşýarlar.

Forumyň maksady demir ýol ulagynyň işini döwletara derejede utgaşdyrmakdan, halkara demir ýollary torunyň tehnologik bitewüligini üpjün etmekden, bu düzümleri ösdürmekden ybaratdyr. Aşgabat forumy «Türkmendemirýollary» agentliginiň bu gurama agza bolmagynyň 30 ýyllyk senesi bilen hem utgaşýar.

Mejlisiň gün tertibine guramanyň ýöriteleşdirilen komissiýalarynyň we hemişelik iş toparlarynyň 2023-nji ýylda alyp baran işleriniň jemlerine garamak, ýakyn ýyllar üçin iş maksatnamasyny ara alyp maslahatlaşmak, guramany ösdürmegiň Strategiýasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň maksadalaýyklygy, demir ýol we beýleki edaralaryň işgärlerini hünär taýdan taýýarlamak, okatmak ýaly meseleler girizildi. Demir ýollary ulanmak arkaly üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmegiň geljegi, sebitde ýük daşamalary artdyrmak boýunça hem pikir alyşmalar boldy.

Mejlisiň barşynda oňa gatnaşyjylar Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň ýük daşamak, ýolagçy gatnatmak, infrastruktura we demir ýoluň hereket düzümi boýunça toparlarynyň, guramanyň maliýe we hasaplaşyk hem-de kodlaşdyrmak we informatika barada hemişelik iş toparlarynyň 2023-nji ýylda ýerine ýetiren işleriniň netijelerini, düzümiň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamalaryny we beýleki meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

«Türkmendemirýollary» agentligi tarapyndan Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek boýunça soňky ýyllarda ädilýän ädimler diňe bir milli ykdysadyýetimiziň däl, eýsem, sebit we hatda bütindünýä ösüşine kuwwatly itergi berdi. Ýurdumyzda «Demirgazyk-Günorta» we «Gündogar-Günbatar» ugurlary boýunça köp şahaly ulag ýollaryny döretmäge gönükdirilen hem-de dünýä bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolan halkara ähmiýetli taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen demir ýol ulaglary pudagynda ýükleri daşamak boýunça ulag-logistika düzümi günsaýyn öňe barýar, bütin dünýä bazar ykdysadyýetine geçmekde uly işler alnyp barylýar.

«Demirýollary» AGPJ «Türkmendemirýollary» agentliginiň düzüminde ýerleşip, ýolagçy we ýük gatnawlary hyzmatlaryny hödürleýär. «Demirýollary» AGPJ her ýyl, takmynan, 6 million ýolagça hyzmat edýär. Ýolagçylaryň rahatlygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksatly «Ýolagçy» bölüminde 5 müň hünärmen zähmet çekýär. «Demirýollary» AGPJ demir ýol arkaly ýük daşamak bilen bagly hyzmatlaryň ençeme görnüşini amala aşyrýar we Türkmenistanyň çäginde onuň ençeme wekilçilikleri ýerleşýär.

Türkmenistanyň çägi we GDA, Baltiýa, Eýran, Owganystan, Hytaý, Ýewropanyň we Aziýanyň beýleki ýurtlar boýunça eksport, import we üstaşyr ýükleri daşamak üçin iň pes demir ýol nyrhnamalaryny hödürleýär we şuňa laýyklykda, ýük daşamagyň demir ýol nyrhnamalarynyň bahasyny hasaplap, gysga wagtyň dowamynda müşderilere hyzmat edýär.

**Enegül ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Ýokary bilim – ösen jemgyýetiň sütüni

Ýurdumyzda ýaş nesliň ruhubelent, berk bedenli bolmagy, aň-bilim taýdan ösmegi we terbiýesi üçin ähli şertler döredilýär. Munuň netijesinde bilimli, terbiýeli, maksada okgunly nesil kemala gelýär. Häzirki döwürde umumadamzat gymmatlyklaryny we dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini öwrenmek, şeýle hem halkymyzyň medeni, milli-ruhy ýörelgelerini, däp-dessurlaryny sazlaşykly peýdalanmak arkaly ýurdumyzyň bilim ulgamy döwrebaplaşdyrylýar. Bu ulgamda düýpli özgertmeleri amala aşyrmagy çuňlaşdyrmagyň we belent sepgitlere ýetirmegiň ýolundaky maksatnamalaýyn wezipeleri çözmek ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmekde ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Bu mümkinçilikler bilim ulgamyny kämilleşdirmekde we ýaşlara berilýän bilimiň hil derejesiniň dünýä ülňülerine kybapdaş bolmagynda özüniň ýokary netijesini berýär.

«Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» milli ykdysadyýetimize giňden ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegine ýardam edýär. Dünýäde ylmyň we tehnologiýanyň kämilleşmegi jemgyýetiň intellektual baýlygynyň artmagyna oňaýly täsirini ýetirýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň özboluşly aýratynlygy hem ylym-bilim ulgamynyň has oýlanyşykly ösdürilmeginde,



ykdysady kuwwatyň ylmy taýdan esaslandyrylyp, netijeli ulanylmagynda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş üpjünçiliginiň ýokarlandyrylmagynda, saglygy goraýyş, syýahatçylyk we beýleki ulgamlaryň işiniň kämilleşdirilmeginde has-da aýdyň duýulýar.

Ylym ulgamyny döwlet tarapyndan goldamagyň gerimi ýylsaýyn giňelýär, geljegi uly ylmy-barlaglary, tejribe-synag we tehnologik işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmek gowulanýar. Ýurdumyzda ylmy barlaglaryň, toplumlaýyn ylmy işleriň giňeldilmegi üçin ähli şertler döredilýär. Şol işleriň netijeleri bolsa tejribede giňden ulanylýar. Ylym edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär, olaryň işine iň täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar, şol sanda Internet hem-de elektron kitaphanalar arkaly dünýäniň maglumatlar binýadyna ýokary tizlikli elýeterlilik üpjün edilýär.

Häzirki döwürde bilim özgertmelerini üstünlikli durmuşa geçirmek, nurana geljegimiziň eýeleri bolan ösüp gelýän bagtyýar ýaş nesillerimiziň döwrebap bilim-terbiýe almagy we innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmegi üçin amatly şertleri döretmek esasy ugurlaryň biridir. Ýurdumyzy ösüşleriň ýurduna, kämil bilimleriň mekanyna öwürýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Aýgül BATYROWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Magtymguly – Jemşidiň jamy

Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň dabaralary bilen utgaşýan şanly ýylyň şygary astyndaky çäreler ildeşlerimiziň watançylyk ruhuny belende göterip, şirin dilli söz ussadymyza goýulýan sarpany has-da dabaralandyrýar. Şeýle çärelerde şirin dilli söz ussadynyň eserleriniň çuň many-mazmuny hakynda söhbet edilmegi, şahyryň şygyrlarynyň labyzly okalmagy, onuň goşgularyna döredilen aýdymlaryň ýerine ýetirilmegi ildeşlerimiziň kalbyny heýjana getirýär. Aýratyn buýsandyrýan zatlaryň biri-de, şanly ýylyň şanyna geçirilýän dabaralarda Gahryman Arkadagymyzyň zehininden dörän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgusy esasynda döredilen aýdymyň ýaňlanmagydyr. Bu ajaýyp aýdym türkmen halkynyň beýik şahyrynyň döredijiliginiň we pähim-paýhasynyň, şol bir wagtyň özünde bolsa şahyryň döredijiliginiň ruhy güýjüniň senasydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr. Magtymgulynyň şygryýet älemi – türkmen edebiýatynyň bulduram akýan, çuňňur mana we çeper söze teşne kalplary gandyrýan çeşmesi» diýip bellemek bilen, şahyryň döredijiligine örän ýokary baha berýär. Çünki Magtymguly Pyragynyň umumadamzat gymmatlyklaryny, ynsanperwer ýörelgelerini wasp edýän eserleriniň, watançylyk, gahrymançylyk, agzybirlik taglymatlarynyň, umuman şahyryň döredijiliginiň bu günki nesilleri terbiýelemekde bimöçber ähmiýeti bardyr.

Mälim bolşy ýaly, dana Pyragynyň döredijiligi iňňän pelsepelidigi bilen tapawutlanýar. Onuň aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän umman deý döredijiligi ynsanyň kalbyna şamçyrag deý ýagtylyk saçýar. Aýratynam, umumadamzada mahsus bolan döwlet gurmak, agzybirlik, dost-doganlyk gatnaşygy hakyndaky pikirler, akyldar şahyryň şygryýetiniň



içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ýagny rus alymy Ýewgeniý Bertelsiň nygtaýşy ýaly: «Magtymguly türkmeniň şygryýet dünýäsinde gymmatbaha daşlaryň biri bolup, ol biziň zamanamyzda täze ýüzügiň gaşynda gözüňi gamaşdyryjy şöhlesi bilen lowurdaýar. Magtymguly – Jemşidiň jamydyr».

Türkmenler geçmişde onlarça döwlet döreden, buýsançly taryha eýe bolan, şonuň bilen birlikde, şeýle şan-şöhratly taryhyň döremegine sebäp bolan beýik şahsyýetleri orta çykaran halkdyr. Şygyrlary bilen ynsan kalbynyň töründen orun alan, bir döwlete gulluk etmegi ündän, agzybirligi wagyz-nesihat eden türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragydyr. Şahyryň türkmen we dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren şygyrlarynda agzybirlik, mertlik, hoşniýetlilik, watansöýüjilik, halallyk, ahlaklylyk ýaly meseleler, gyzyla gaplaýmaly setirleriň üsti bilen beýan edilýär. Akyldar şahyr çylşyrymly döwürde ýaşap, türkmeniň nusgawy edebiýatynyň däplerine eýerip, milli şygryýeti ösen derejelere, belent sepgitlere ýetirýär. Häzirki döwürde dana şahyryň goşgularyny edebiýatçydyr dilçiler hem-de daşary ýurt alymlary ylmy esasda düýpli öwrenýärler.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji eserinde: «Gündogaryň beýik akyldary, türkmeniň beýik şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň eserleri ähli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr» diýip belleýär. Şu nukdaýnazardan, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Diýarymyzyň ähli künjeginde asylly işler durmuşa geçirilýär. Akyldaryň parasatly döredijiligine bagyşlanan aýdym-sazly dabaralar, ylmy-amaly maslahatlar, taýýarlanylýan kitaplar, ýazylýan makalalar hem-de ýygyndylar, şygyrlarynyň dünýä dillerine edilýän terjimeleri, şeýle hem yzygiderli geçirilýän döredijilik bäsleşikleri, halypa edebiýatçylardyr alymlar, ýazyjy-şahyrlar bilen ýygy-ýygydan guralýan halypa-şägirtlik duşuşyklary muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

**Baky NEPESOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Epidemiologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

# Türkmenistan – sport ýurdy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzda atçylyk sportuny ösdürmekde-de tutumly işler durmuşa geçirilýär. Muňa Türkmenistanda häzirki zaman talaplaryna, halkara ölçeglerine doly laýyk gelýän atçylyk sport toplumlarynyň ençemesiniň gurulmagyny, ýylyň-ýylyna türkmen bedewleriniň gözellik bäsleşikleriniň, halkara sergi-ýarmarkalarynyň, halkara maslahatlaryň geçirilmegini mysal görkezmek bolar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda birnäçe halkara ýaryşlar, şol sanda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary, sebitleýin sport ýaryşlary, «Amul – Hazar 2018» halkara awtorallisi, Agyr atletika we Kuraş boýunça Dünýä çempionatlary üstünlikli geçirildi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen her ýylyň 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni hökmünde giňden bellenilýär. Bularyň ählisi halkara hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine, parahatçylygyň we dostlugyň berkidilmegine ýardam berýär. Paýtagtymyz bu gün hem hokkeý boýunça halkara ýaryşyň geçirilýän ýerine öwrüldi. Ýaryşyň ähli duşuşyklarynyň geçirilýän ýeri bolan Gyşky oýunlar sport toplumynda türgenler, myhmanlar we janköýerler üçin zerur şertler döredildi. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 7-siniň talyplaryndan 200 meýletinçi daşary ýurtly myhmanlara döwrebap hyzmat edýär.



Eziz Diýarymyzda sportuň gyşky görnüşlerini, hususan-da, hokkeýi ösdürmäge uly üns berilýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda uly depgin bilen kämilleşýän sport görnüşleriniň biride şaýbaly hokkeý hasaplanýar. Muňa Türkmenistanyň dürli ýaşdaky hokkeý ýygyndylarynyň halkara ýaryşlarda gazanýan üstünlikleri hem şaýatlyk edýär. Türkmen türgenleriniň sportuň bu görnüşi boýunça nazary we amaly bilimlerini artdyrmak üçin «Şaýbaly hokkeýiň nazaryýeti we usulyýeti» atly okuw gollanmasy çapdan çykypdy. Şeýle hem hokkeý boýunça ýurdumyzda dürli ýaryşlar guralyp, türkmen toparlary hem-de ýurdumyzyň milli ýygyndysy halkara ýaryşlara yzygiderli gatnaşýarlar. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda 2012-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kubogyny almak ugrunda hokkeý boýunça ilkinji ýaryş geçirilipdi.

Umuman, ýurdumyzda sportda netijeli halkara hyzmatdaşlygy alyp barmagyň düýp esaslary goýuldy. Şu babatda, 60-dan gowrak döwlet bilen ikitaraplaýyn esasda sport ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hereketleri düzgünleşdirilýär. Bulardan başga-da, sport boýunça hyzmatdaşlyk meselesi döwlet Baştutanlarynyň saparlarynyň dowamynda kabul edilýän jarnamalarda we beýannamalarda, şeýle hem ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça hökümetara bilelikdäki toparlaryň jemleýji resminamalarynda öz mynasyp ornuny tapýar.

**Jeýhun GELDIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Magtymguly Pyragy – dünýä şahyry

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyzyň şan-şöhraty dünýä dolýar. Biz bu gün dana şahyr Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýuna barýarys. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusynda şeýle ajaýyp sözler bar:

*Baş egip külli türkmeniň eziz jana-janyna,*
*Müň togap bilen biz barýarys ýanyna.*
*Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat-şanyna,*
*Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.*

Magtymguly Pyragynyň şan-şöhraty dünýä doldy. Dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginde Magtymguly Pyragy Jemşidiň jamyna deňelýär.

Häzirki wagtda dana Pyragynyň döredijiligi milli çäklerden, dilleriň serhedinden çykyp, tutuş türki dünýäniň, ondan uzakdaky ýurtlaryň hem şahyrlaryna öz täsirini ýetirýär. ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň çözgüdi esasynda şahyryň ýubileýiniň 2024-2025-nji ýyllarda bu gurama bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşulmagy, 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» şygary astynda geçmegi uly ähmiýete eýedir. Söz ussadynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilen golýazmalary bolsa giň geografik çäklere, şol sanda Merkezi Aziýa sebitiniň häzirki çäkleri, Owganystan, Eýran, Russiýa, Ýakyn Gündogar, Kawkaz sebitleri ýaly şahyryň öz döwründe baryp gören ýerlerine ýaýrapdyr. Magtymguly başga ülkelere aýlanyp, türkmenleriň halk diplomatiýasynyň wekili hökmünde öz Watany, milli däp-dessurlary baradaky bilimleri hem ýaýradypdyr. Şunlukda, ol häzirki döwürde «siwilizasiýalaryň dialogy» diýlip atlandyrylýan özara gatnaşyklary ilerletmäge-de goşandyny goşupdyr.



Magtymguly Pyragynyň paýhasa öwrülip, halkyň kalbynda ornaşan setirleri tutuş bir ummana barabardyr. Ol şygyrlaryň many-mazmuny ynsanlara ýol görkeziji şamçyragdyr. Magtymguly Pyragynyň maslahat beriji setirlerine, durşy bilen paýhasa öwrülen bentlerine üns berlende, olarda durmuşyň ähli ugurlary barada söhbet açylýandygyna göz ýetirmek bolýar. Ol paýhasa öwrülen setirler şu günki gün hem ynsan üçin hakyky öwüt-ündew çeşmesi. Milli Liderimiziň «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmanydyr» diýip şahyryň eserlerine ýokary baha bermegi munuň aýdyň mysalydyr.

Magtymguly Pyragynyň poeziýasynda ýugrumy ýeten setirler dürdäne paýhaslara öwrülip, halka ýol-ýörelge bolmak hyzmatyny ýerine ýetirip gelýär. Şahyryň döredijilik örüsi örän giň. Dana şahyr durmuşyň haýsy ugry barada söhbet açsa-da, kalbynyň töründen syzylyp çykan setirleri dertlere derman bolup ýaňlanýar. Häzirki döwürde şahyryň öňdengörüjilik, welilik bilen aýdan sözleri berjaý boldy. «Berkarar döwlet islärin» diýip, arzuwlan şahyryň islegi bu gün hasyl boldy. Şygryýet äleminde daň ýyldyzy kimin lowurdap duran, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga halkymyzyň goýýan sarpasy bimöçberdir.

**Amantäç AGALYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Konserwatorlar öňde barýar.** 17-nji aprelde Horwatiýada geçirilen parlament saýlawlarynda Premýer-ministr Andreý Plenkowiçiň konserwatiw Horwatiýa demokratik arkalyşygy (HDA) partiýasy 151 orunlyk Saboryň (parlament) täze düzüminden, azyndan, 60 orun alyp öňde barýar. Bu barada ýurduň saýlaw topary habar berdi.



**Dyrmaşmak boýunça rekord goýdy.** 34 ýaşly fransuz zenany Anuk Garnýe Eýfel diňiniň ikinji böleginiň düýbüne çykmak bilen gaýa dyrmaşmak boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Türgen 110 metr belentlige bary-ýogy 18 minutda çykdy. Öňki dünýä rekordyny Ýohannesburgda 90 metre çykan Tomas Wan Tonder goýupdy.



**Karlyň keşbi goýlan ilkinji pullar.** Angliýa banky ilkinji gezek Beýik Britaniýanyň Koroly Karl III öz keşbi goýlan täze banknotlary gowşurdy. Indi Korolyň keşbi dolanyşykdaky nominallaryň ählisinde: 5, 10, 20 we 50 funtluk kagyz pullarda bolar. Täze banknotlar şu ýylyň 5-nji iýunynda dolanyşyga giriziler.



**Plastikleriň möçberi hasaplandy.** Dünýä ummanlarynyň düýbünde 3-11 million tonna aralygynda plastik galyndy toplandy. Bu ummanlaryň ýüzündäki plastik galyndylardan 100 esse köp. Bu barada Awstraliýanyň milli ylym agentligi CSIRO-nyň we Kanadanyň Toronto uniwersitetiniň alymlary mälim etdiler.



**Superkompýuter işe giriziler.** Ýakyn günlerde Awstraliýanyň Halkara neýromorf ulgamlar merkezinde neýromorf hasaplaýyş pudagynda rewolýusion ädim boljak «Deep South» superkompýuterini işe girizmek meýilleşdirilýär. Superkompýuter adam beýnisinden 2 müň esse çalt işläp, sekuntda 228 trillion amaly ýerine ýetirer.



**Iň ýuka mehaniki sagat.** Italiýanyň «Bulgari» kompaniýasy galyňlygy bary-ýogy 1,70 millimetr bolan mehaniki sagadyny hödürledi. Şeýle sagady döretmegiň üstünde onlarça inžener işledi. Häzirlikçe 20 sanysy çykarylan «Octo Finissimo Ultra COSC» atly sagadyň bahasy 600 müň ýewro deň.



**Dünýäniň iň garry adamy.** Beýik Britaniýadan 111 ýaşly Jon Tinniswud dünýäde ýaşap ýören erkek kişileriň iň garrysy boldy. Ginnesiň rekordlar kitaby oňa bu derejäni tassyklaýan resmi şahadatnamany berdi. Iň garry erkek kişi derejesiniň öňki eýesi, wenesuelaly Huan Wisente Peres Mora 2-nji aprelde 114 ýaşynda aradan çykdy.



**Ilat sany azalýar.** Ýaponiýanyň ilaty bir ýylda 837 müň adam görkeziji bilen rekord derejede azaldy. Ýurtda gartaşan adamlaryň sany artýar, çagalaryň sany bolsa azalýar. Häzir ýurtda ýaşy 75-den geçýänleriň 20 milliony ýaşaýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikler 14 milliona deň. Diňe Tokioda ilat sanynyň artýandygy hasaba alyndy.



**Nebite isleg artar.** OPEK halkara guramasy 2024-2025-nji ýyllarda nebite islegiň ösüşiniň saklanjakdygyny habar berdi. 2024-nji ýylda isleg bir gije-gündizde 2,25 million barrel artyp, 104,46 million barrele çenli ýeter. 2025-nji ýylda bu görkeziji ýene 1,85 million barrel ýokarlanyp, 106,31 million barrele deň bolar.



**Palma ýapraklary halas etdi.** Ýuwaş ummanynyň adam-garasyz adasynda galan üç deňizçi çägäniň ýüzüne palma şahalaryndan «HELP» (Kömek ediň) sözüni ýazanlaryndan soň halas edildi. Deňizçiler gaýygyň motorynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli adada galypdyrlar. Olar ýitenlerinden 8 gün soň dikuçar bilen geçirilen gözlegleriň netijesinde tapyldy.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1970-nji ýylyň 19-njy aprelinde ozalky Sowet Soýuzynda «Kopeýka» lakamly ilkinji «ВАЗ-2101» awtoulagy Tolýattidäki Wolžskiý awtoulag zawodynyň ýygnaýjy konweýerinden çykýar. «Žiguli» ady bilen tanalýan ýeňil awtoulag «Fiat» italýan kompaniýasynyň «Fiat 124» ulagynyň nusgasydyr.**



## Şolsuň Hytaýa sapary

**Germaniýanyň Kansleri 14-16-njy aprel aralygynda Hytaýda saparda boldy. Saparyň çäklerinde Hytaýyň Başlygy Si Szinpin bilen Germaniýanyň Kansleri Olaf Şolsuň arasynda gepleşikler geçirildi.**

**Iki ýurduň ýolbaşçylary 16-njy aprelde Pekindäki Dýaoýutaý döwlet kabulhanasynda duşuşdylar. Şols saparynyň dowamynda Çunçin we Şanhaý şäherlerine baryp gördi. Ol HHR-niň paýtagtynda Hytaýyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Sýan bilen hem gepleşik geçirdi. Duşuşygyň çäklerinde taraplar ikitaraplaýyn söwda gatnaşyklaryny we halkara meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.**



**Wekiliýetiň düzüminde Germaniýanyň daşky gurşaw, oba hojalygy we ulag ministrleri, şeýle-de «Siemens», BMW we «Mercedes-Benz» ýaly Germaniýanyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň wekilleri bar.**

**Germaniýanyň Kansleri soňky gezek Hytaýa 2022-nji ýylyň güýzünde barypdy. German hökümetiniň maglumatlaryna görä, häzirki saparyň esasy maksady ykdysady gatnaşyklardan başga-da, geosyýasy meseleleri we durnukly ösüş strategiýalaryny öz içine alýar.**

## «AZIÝA ŞENGENI» DÖREDILER

**Tailandyň Premýer-ministri Sretta Tawisin Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary bilen bilelikde wiza meýilnamasyny döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Bu barada «Bloomberg» habar berdi. Maglumatlara görä, Ýewropadaky Şengene meňzeş bu maksatnama syýahatçylara Tailand, Kamboja, Laos, Malaýziýa, Mýanma we Wýetnam ýaly 6 goňşy ýurduň arasynda erkin syýahat etmäge mümkinçilik berer.**

**«Günorta Aziýa Şengenini» döretmek pikiri 2000-nji ýyllardan bäri ara alnyp maslahatlaşylýar, ýöne indi hünärmenleriň pikiriçe, ony durmuşa geçirmek mümkinçiligi öňküsinden has ýokary. Bu sebitdäki ýurtlaryň öz ykdysadyýetlerini «haýal eksportdan we global islegiň gowşaklygyndan» goramaga çalyşýandygy bilen baglydyr.**

**– Şeýle wiza uzak aralyga syýahat edýän syýahatçylara has aňsat karara gelmäge höweslendirip biler – diýip, Tailand myhmanhanalar birleşiginiň öňki başlygy Marisa Sukosol aýtdy. Şeýle hem bu teklibi has bähbitli etmek üçin wizanyň möhletini 30 günden 90 güne çenli uzaltmagy teklip etdi.**



**Geçen ýyl Günorta-Gündogar Aziýanyň 6 ýurduna 70 million töweregi daşary ýurtly syýahatçy bardy. Tailand we Malaýziýa syýahatçylyk pudagyndan 48 milliard dollar töweregi girdeji gazandy. «Aziýa Şengeniniň» döredilmegi bu sany ep-esli artdyryp biler. Häzirki wagtda sebitiň ýurtlarynyň ýolbaşçylary tarapyndan Tailandyň teklibine çynlakaý seredilmegine garaşylýar.**

## Dünýäniň iň kaşaň howa menzili

Dubaýyň Halkara howa menzili dünýäniň 1 müň 800-den gowrak howa menziliniň arasynda kaşaňlyk babatda birinji orny eýeledi. Angliýanyň syýahaty ätiýaçlandyryş boýunça «All Clear Travel Insurance» agentliginiň hünärmenleriniň pikirine görä, Dubaýyň Halkara aeroporty (DXB) dünýäniň iň kaşaň howa menzili diýlip yglan edildi. Ondan soň Londonyň «Heathrow» we Kataryň Hamad Halkara howa menzili ilkinji üçlügi emele getirýär.

Sanawy düzmek üçin geçirilen seljeriş işleriniň netijesinde Dubaýyň halkara howa menzili myhmanhanalary, howuzlary, kinoteatrlary we restoranlary bilen birinji orna mynasyp boldy. Her bir howa menziliniň kaşaňlygy dükanlarynyň sany, şeýle-de onuň golaýynda ýerleşýän dört we bäş ýyldyzly myhmanhanalaryň sany ýaly birnäçe faktor esasynda kesgitlenildi. Mundan başga-da, ýolagçylar üçin niýetlenen garaşylýan zallaryň sany we uçuşdan ozal dynç almak üçin premium-klasly içgidir işbilleri hödürleýän garbanyşhanalary göz öňünde tutuldy.

«Ýylda 90 million ýolagça hyzmat edýän Dubaýyň Halkara aeroporty dünýäniň iň kaşaň howa menzilleriniň biri hökmünde ilkinji orny eýeleýär» diýip, «All Clear Travel Insurance» agentliginiň wekilleri habar berdiler. Mundan başga-da, bu aeroport dünýäde iň çalt ösýän awiasiýa merkezi bolup, bu



ýerde bäş ýyldyzly myhmanhana hem bar.

«Howa menziliniň üç mil radiusynda syýahatçylaryň saýlamagy üçin 70-den gowrak dört we bäş ýyldyzly kaşaň myhmanhanalaryň bolmagy Dubaýyň howa menziliniň öňdäki orny gazanmagyny üpjün etdi» diýip, «All Clear Travel Insurance» agentliginiň wekilleri bellediler.

## Iri taslama durmuşa geçirilýär

Saud Arabystanynda ýene bir ägirt uly taslama durmuşa geçirilip başlandy. Ýurtda Patyşa Salman adyndaky täze Halkara howa menzili ýolagçy sany babatda dünýäniň iň uly aeroporty bolar. Howa menziliniň 2030-njy ýyla çenli ýylda 120 million ýolagçyny, 2050-nji ýyla çenli bolsa 185 million ýolagçyny kabul etmegine garaşylýar.

Aeroportda 4 terminal, 6 uçuş-gonuş zolagy, şeýle-de welosiped ýollary we baglar bolar. Bu meýilnama ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmek we nebit eksportyna garaşlylygyny azaltmak strategiýasynyň bir bölegi bolar. Häkimiýetler ýokary tehnologiýaly senagata we syýahatçylyga has köp üns bermek isleýärler.

Saud Arabystanynyň häkimiýetleri täze howa menzili açylandan soň uçuşlaryň sanyny ýylda 210 müňden 1 milliona çenli artdyrmagy maksat edinýärler. Häzirki wagtda dünýäniň iň köp



adamly howa menzili ABŞ-nyň Atlanta şäherindäki Hartsfild-Jekson Halkara howa menzili bolup, ýylda 93,7 million ýolagça hyzmat edýär.

## Ömrüň dowamlylygy artýar

Bilermenler soňky 30 ýylda dünýäde ömrüň dowamlylygynyň 6,2 ýyl artandygyny anykladylar. Bu 1990-njy ýyllardan bäri içgeçmeden, dem alyş ýollarynyň kesellerinden we ýürek kesellerinden ölümiň azalmagy bilen baglanyşyklydyr. Bilermenleriň geçiren barlaglary «Lancet» žurnalynda çap edildi.

Günorta-Gündogar Aziýany, Gündogar Aziýany we Okeaniýany öz içine alýan sebitde bu döwürde garaşylýan ömrüň dowamlylygynyň iň uly ösüşi hasaba alyndy – 8,3 ýyl. Ikinji orunda Günorta Aziýa gelýär. Bu ýerde içgeçme kesellerinden ölüm derejesiniň ep-esli azalmagy netijesinde ömrüň dowamlylygy 7,8 ýyl artdy.

Mundan başga-da, bilermenler COVID-19 pandemiýasynyň ömrüň dowamlylygyna düýpli ýaramaz täsiriniň bolandygyny ýüze çykardylar. Bu kesel Latyn Amerikasynyň we Karib basseýniniň, şeýle-de Saharanyň günortasyndaky Afrika sebitleriniň ýaşaýjylarynyň ömrüniň dowamlylygyna ýaramaz täsirini ýetirdi.



Bilermenler süýji keseli we böwrek keseli ýaly ýokanç däl keselleriň döredýän howpunyň barha artýandygyny anykladylar. Şonuň ýalyda, ýüregiň işemiýa keseline, insulta we düwnük keseline garşy göreşde deň derejeli bolmadyk ösüşler göze ilýär.

## EÝFEL DIŇINE BERKIDILER

**Parižde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlarynyň öň ýanynda bäş yklymy alamatlandyrýan Olimpiýa halkalary Eýfel diňine berkidiler. Bu barada «Le Parisien» gazeti habar berýär.**

**«Adatça, her Olimpiadada bäş sany uly halka oýunlary kabul edýän şäher üçin simwolik bolan ýerde gurnalýar» diýlip, makalada bellenilýär. Maglumatlara görä, halkalar, çen bilen, 60 metr beýiklikde, diňiň birinji we ikinji gatlarynyň aralygynda ýerleşdiriler. Mundan başga-da, Eýfel diňi sport ýaryşlarynda aýratyn ähmiýete eýe bolar. Şeýlelikde, kenarýaka woleýboly boýunça ýaryş Eýfel diňiniň etegindäki Mars meýdançasynda geçiriler. Onuň golaýyndaky Trokadero meýdançasynda bolsa, «Çempionlar seýilgähi» atly giň fan-zolak döredilip, ol ýerde medal eýeleri köpçüligiň öňüne çykarlar.**

**Şeýle-de, Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň karary bilen Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşjak tomaşaçylaryň sany 600 müňden 320 müňe çenli azaldyldy. Bu karar howpsuzlygy üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr. Mundan başga-da, triatlonda ýüzmek boýunça ýaryşlaryň Sena derýasynyň suwunyň hapalygy sebäpli ýatyrylyp bilinjekdigi habar berilýär. Şeýle-de bolsa, derýany arassalamak boýunça işlere 1,5 milliard ýewro bölünip berildi. Guramaçylar şeýle ýaryşyň giçki tapgyrda geçirilip bilinjekdigini hem aradan aýyrmaýarlar. Ýatlap geçsek, tomusky Olimpiýa oýunlary 26-njy iýuldan 11-nji awgust aralygynda, Paralimpiýa oýunlary bolsa 28-nji awgustdan 8-nji sentýabr aralygynda Fransiýada geçiriler.**



## Tropik tokaýlaryň goragynda

2023-nji ýylda dünýäde tebigy tropik tokaýlaryň ýok edilmegi ýokary tizlik bilen dowam edip, umumy meýdany 37 müň inedördül kilometre deň bolan çäkler ýok edildi. Bu barada Dünýä serişdeleri institutynyň (WRI) we Merilend uniwersitetiniň maglumatlarynda tassyklanýar. Bilermenleriň bellemegine görä, bu ýagdaý tokaýlaryň minutda 10 futbol meýdançasy tizliginde ýitendigini aňladýar.

Maglumatlarda geçen ýyl Braziliýada we Kolumbiýada tokaý ýitgileriniň 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende, degişlilikde, 36 göterim we 49 göterim azalandygyna garamazdan, käbir ýurtlarda olaryň öňki derejelerinde saklanýandygy ýa-da ýokarlanandygy bellenilýär. Braziliýa tokaý ýitgileriniň depginini haýallatsa-da, ýurt Kongo Demokratik Respublikasy we Boliwiýa bilen bir hatarda tebigy tropik tokaýlaryny ýitiren üç ýurduň biri bolmagynda galýar. Olaryň ählisi bilelikde umumy tokaý ýitgisiniň uly bölegine sebäp boldy.

Kongo Demokratik Respublikasy 2023-nji ýylda ýarym million gektardan gowrak tebigy tropik tokaýlaryny ýitirdi. Boliwiýada bolsa geçen ýyl tokaý ýitgileri 27 göterim ýokarlanyp, yzygiderli üçünji gezek iň ýokary derejä ýetdi. Şeýlelikde, bu ýurt tokaý ýitgileri babatda tropik ýurtlaryň ählisiniň arasynda üçünji orny eýeledi.

Kanada 2023-nji ýylda ýangynlar sebäpli 8 million gektardan gowrak tokaý ýitgisine sezewar boldy. Şol bir wagtyň özünde, tokaý ýitgileriniň 51 göterimi ýangynlar, galanlary bolsa adam işjeňligi bilen baglanyşyklydyr.



2021-nji ýylda ähli tokaýlaryň 90 göterimini özünde saklaýan dünýäniň 145-den gowrak döwleti 2030-njy ýyla çenli tokaýlaryň ýok edilmek meselesini çözmek barada ylalaşdylar. Ýöne bilermenler bu maksatlara ýetmekden heniz irdigini belläp, global tokaý ýitgileriniň ýene birnäçe ýylyň dowamynda üýtgemejekdigini öňe sürýärler.

## Pompeiden banket zaly tapyldy

Pompeide gazuw-agtaryş işlerini geçirýän arheologlar gadymy şäheriň merkezi böleginden Troýa söweşine bagyşlanan freskalar bilen bezelen banket zalyny tapdylar. Bu barada «Naked Science» žurnalynyň web saýty habar berdi. Zalyň üýtgeşik gara reňkli diwarlary şol döwrüň suratkeşleri üçin hakyky kendir hasaplanypdyr. Diwaryň ýüzüne çekilen suratlarda Gadymy Gresiýanyň mifologiýasyndaky wakalar, şeýle hem ady rowaýata öwrülen Troýa söweşiniň wakalary şekillendirilýär.

Rim sungatynyň ýadygärliklerini abatlaýjylaryň tagallasy bilen Pompeidäki binalar ikinji ömrüne eýe bolýarlar. Abatlaýyş işleri Ýewropa gaznasynyň hasabyna maliýeleşdirilýän «Uly Pompei» taslamasynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Maglumatlara görä, Rimiň gülläp ösen bu şäheri miladynyň 79-njy ýylynyň 24-nji awgustynda tutuşlygyna diýen ýaly Wezuwiý wulkanynyň astynda galýar. Şäheriň harabalyklary XVII asyrda tapyldy we gazuw-agtaryş işleri 1748-nji ýylda başlandy. Şondan bäri arheologlar wagtal-wagtal şäherde täze açyşlaryň üstünden barýarlar. Miladydan 6 asyr öň esaslandyrylan, Italiýanyň çäklerindäki gadymy şäher Pompeiniň galyndylary häzirki wagtda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girýär.



## ÝEWROPA BILELEŞIGINIŇ TÄZE KARARY

**Ýewropa Bileleşiginde welosiped senagatyny ösdürmäge gönükdirilen Jarnama kabul edildi. Bu karar Ýewropa Bileleşiginde awtoulaglaryň sanyny azaldyp, ekologiýa taýdan arassa ulag serişdelerini köpeltmek ugrunda nobatdaky ädimdir. Bu barada Ýewropa Bileleşiginiň resmi saýtynda habar berilýär. Jarnamada welosiped Ýewropa Bileleşiginiň ykdysadyýeti üçin möhüm ähmiýeti bolan ekologiýa taýdan arassa, elýeterli we arzan ulag serişdesi hökmünde ykrar edilýär.**

**– Biz welosipediň köp sanly artykmaçlygynyň bardygyny ykrar edýäris. Ulag serişdesiniň bu görnüşi daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni alyp, şäher dyknyşyklaryny azaldýar we sagdyn durmuş ýörelgelerine sebäp bolýar. Mundan başga-da, welosiped Ýewropa senagatynyň düýp özenidir – diýip, ulag meseleleri boýunça ýewrokomissar Adina Welýan belledi.**



**Jarnamada welosipediň sosial inklýuziwlige ýardam edýändigi, şeýle-de adamlaryň fiziki we ruhy saglygyny gowulandyrýandygy bellenilýär. Şeýle hem, Ýewropa Bileleşiginde welosiped bilen beýleki ulag serişdeleriniň arasyndaky sazlaşykly hereketi gowulandyrmak meýilleşdirilýär. Hususan-da, awtobuslarda we otlularda has köp welosipedi daşamaga mümkinçilik bermek, şeýle-de welosipedler üçin ygtybarly duralga zolaklaryny, elektrowelosipedler üçin bolsa, zarýad beriş nokatlaryna elýeterliligi üpjün etmek göz öňünde tutulýar.**

**Jarnamada welosiped ulagynyň ulanylmagynyň Ýewropa Bileleşiginde daşky gurşawy goramakda öňde goýlan maksatlara ýetmäge kömek etjekdigi bellenilýär. Ýatlap geçsek, Ýewropa ýurtlary 2030-njy ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary 55 göterim azaltmaga borçlandyrylyp, 2050-nji ýyla çenli klimat bitaraplygyny gazanmaga tagalla edýärler.**

# DÜNÝÄNIŇ IŇ GOWY ÇORBALARY

**Suwuk naharlar syýahatçylyk gastronomiýasynyň aýrylmaz bir bölegi bolup, tagam sanawnamasynda esasy orny eýeleýär. Köpleriň gurak iýmitleri ýa-da tiz tagamlary halaýandygyna garamazdan, käbir adamlar ýeňiljek çorbalary iýmegi kem görenoklar. Esasan hem, agşamlyk naharynda «agyr» naharlary däl-de, gök önümlerden taýýarlanan suwuk naharlary iýmek saglyk üçin peýdaly hasaplanýar. Häzirki wagtda dünýäde etden, balykdan, däneli we gök önümlerden 250-den gowrak dürli görnüşli çorba taýýarlanylýar. Gazetimiziň şu sanynda syýahatçylar tarapyndan dadyp görülmegi maslahat berilýän çorba görnüşleri barada maglumat bermegi makul bildik.**



**Gazpaço, Ispaniýa.** Çörekli çorba Andalus aşhanasynyň meşhur tagamlarynyň biridir. Pomidor goýultmasyna burç, gök otlardyr ownuk dogralan hyýar goşulyp taýýarlanylýan gazpaço çorbasy sowuklygyna içilýär. Sowuk çorba süýüme we witaminlere baý bolup, Ispaniýada tomsuna iň köp iýilýän tagamlaryň birine öwrülýär. Çorbanyň bu görnüşine et goşulmaýar. Gazpaço taýýar bolandan soň üstüne gowrulan dörtburç çörek bölejikleri goýlup hödür edilýär. Islege görä bu tagama limon suwy, hoz, dilimlenen gawun, alma we üzüm hem goşulýar. Gazpaço ispanlaryň «gök önümli çaly» diýmek hem bolar.



**Kaldu werde, Portugaliýa.** Taýýarlamasy aňsat bolan bu çorba zeýtun ýagy, portugal şöhlaty (çorizo), sogan, sarymsak we kartoşka goşulýar. Kaldu werde çorbasyna salynýan kartoşka pürä öwrülýänçä gaýnadylýar. Portugaliýanyň milli tagamyna başgaça «ýaşyl çorba» hem diýilýär. Sebäbi çorba taýýar bolup barýarka üstüne inçejik kesilen ýaşyl kelem ýa-da kale goşulýar. Şöhlatly çorba Portugaliýa barýan syýahatçylaryň iň köp isleg bildirýän tagamlarynyň biridir.



**Buýabes, Fransiýa.** «Marsel balyk çorbasy» hem diýilýän bu tagam Fransiýanyň Ortaýer deňziniň kenarýakasynda ýaşaýan halka mahsusdyr. Ilkibaşda çorbanyň bu görnüşi balykçylaryň arasynda giňden ýaýrap, gündizine satylman galan balykdyr deňiz önümlerinden agşamlyk nahary hökmünde taýýarlanypdyr. Wagtyň geçmegi bilen balyk çorbasy köpçülige ýaýrap, fransuz aşhanasynyň meşhur naharlarynyň birine öwrülýär. Buýabes çorbasyny 1 kilogramdan gowrak deňiz balygynyň islendik görnüşinden taýýarlap bolýar. Bu çorba balykdan başga-da, pomidor, sogan, sarymsak, gök otlar, ys berijiler, limon şiresi hem goşulýar. Buýabes başga bir usulda taýýarlananda bu çorba deňiz balygy bilen bilelikde leňňeç, ustrisa, midiýa, mollýusk we böleklenen osminog hem goşulýar.



**Menudo, Meksika.** «Aşgazan çorbasy» hem diýlip atlandyrylýan bu tagam sygryň arassalanan garnyndan taýýarlanylýar. Menudo çorbasyna nohut, sogan we ys berijiler goşulýar. Meksikan medeniýetinde toý dabaralaryndan soň myhmanlara bir käse menudo çorbasy hödür edilýär. Bejeriş serişdesi hasaplanýan bu çorba birnäçe sagatlap gaýnadylýar. Menudo köplenç maşgala üçin däl-de, köpçülikleýin toý dabaralary üçin taýýarlanylýar. Çorbanyň bu görnüşi gök otlardyr bir dilim limon bilen bilelikde hödür edilýär.



**Sygyr etli pho, Wýetnam.** Sygyr etinden taýýarlanylýan bu çorba Tan neberesi döwründe Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda ýaşaýan taýpalar tarapyndan oýlanyp tapylýar. Häzirki wagtda Wýetnamyň meşhur tagamlarynyň biri hasaplanýan pho çorbasyna çylka sygyr eti, ýilikli süňk, turp, gyzyl çili ýagy, gök otlar goşulýar. Pho meňzeş çorba Hytaýyň Lançžou şäherinde, Taýwanda we Filippinlerde hem taýýarlanylýar. Pho çorbasy hoşboý ysly otlar we bir dilim limon bilen bilelikde hödür edilýär.



**Borş, Ukraina.** Gündogar Ýewropada we Demirgazyk Aziýada giňden ýaýran çorbanyň bu görnüşi gyzyl reňki bilen tanalýar. Borş gaýnadylan etiň üstüne kelem, şugundyr, şeýle hem gök önümler (sogan, käşir, kartoşka, pomidor, gök otlar) salnyp taýýarlanylýar. Bu çorbany islege görä diňe gök önümlerden hem taýýarlap bolýar. Şeýle hem käbir ýerde borş balykdyr gök önümler bilen bilelikde hem bişirilýär. Borş taýýar bolandan soň gaýmak, gaýnadylan ýumurtga we kartoşka püresi bilen bilelikde hödür edilýär. Süýjümtik çorba sowuk ýurtlaryň iň meşhur naharlarynyň biri hasaplanýar.



**Soto aýam, Indoneziýa.** Towuk etinden gaýnadylyp taýýarlanylýan bu tagama gaýnadylan ýumurtga, unaş we tüwi unundan öndürilen wermişel goşulýar. Bulardan başga-da, çorba sary imbiriň, kokos süýdüniň, gök otlaryň goşulmagy has-da tagamly edýär. Soto aýam Indoneziýadan başga-da, Singapurda we Malaýziýada meşhur bolup, ýerli naharhanalarda iň köp sargyt edilýän naharlaryň biri hasaplanýar.

**«CNN Travel» syýahatçylyk saýtynyň ýazmagyna görä, iň meşhur çorbalaryň sanawynda bulardan başga-da, firik çorbasy (Demirgazyk Afrika), karides çorbasy (Peru), arahis çorbasy (Günbatar Afrika), gumbo (ABŞ), harira (Marokko), harço (Gruziýa), lançhou (Hytaý), mohinga (Mýanma), tom yum goong (Tailand), tonkotsu ramen (Ýaponiýa), ýaýla çorbasy (Türkiýe) bar.**

# Dik durup suw içmek zyýanlymy?!



**Diňe bir suwsuzlygy gandyrmak üçin däl, eýsem, bedeniň kadaly işlemegi üçin hem suw içmegiň nähili möhümdigini hemmämiz bilýäris. Gündelik içilýän suwuň mukdaryna we hiline üns bermeli. Şeýle hem suw içilende saglyga zyýansyz usuly saýlamaly. Ýagny suwy dik duran ýeriňde içmelimi ýa-da oturyp içmelimi?! Geliň, bu iki usulyň saglyga peýdaly we zyýanly taraplary bilen tanyş bolalyň!**

Köpler dik duran ýerinde, esasan hem, ýöräp gelenden soň ýa-da howlukmaç ýagdaýda suw içmegi endik edýärler. Hünärmenler gyzyp suw içmegiň zyýanlydygyny belläp, dem-dynç alyp, deriň gaýdandan soň suwsuzlygyňy gandyrmagy maslahat berýärler. Gyzyp suw içmek saglyk bilen bagly nähoş ýagdaýlara getirip bilýär. Köplenç ýaşuly adamlaryň suwy howlukmazdan, oturyp içmelidigi barada öwüt berýän pursatlaryna duş gelýäris. Eýsem, suwy näme üçin oturyp içmeli?

Lukmanlaryň maslahat bermegine görä, dik durup suw içmek saglyk bilen bagly meseleleriň döremegine sebäp bolup bilýär. Adam dik duranynda beden we dokumalar dartgynly ýagdaýda saklanýar. Şeýle ýagdaýda bedeniň suwuklyk sazlaşygy bozulyp, suwuň çalt siňmegine sebäp bolýar.

### DIK DURUP SUW IÇMEGIŇ ZYÝANLY TARAPLARY:

- Dik duran ýeriňde suw içilende suw uly güýç we tizlik bilen iýmit ýolundan geçýär hem-de göni aşgazana düşýär. Bu iýmit siňdiriş ulgamy üçin zyýanly bolup, nerw damarlar dartylýar, suwuklyk deňagramlylygy bozulyp, iýmit siňdirişiň kynlaşmagyna hem-de toksinleriň döremegine sebäp bolýar.
- Aýak üstünde suw içmek bogunlarda suwuklygyň ýygnanmagyna, ýagny artritiň döremegine getirip bilýär. Dowamly ýagdaýda dik durup suw içilende dyzda ýa-da dabanyň aşagynda pakgarçak emele gelýär.
- Dik durup suw içilende zerur witaminler bagra we iýmit siňdiriş ulgamyna ýetmeýär. Şeýle ýagdaýda gan çalt aýlanýar, bedende kislorod ýetmezçiligi ýüze çykyp, öýkeniň we ýüregiň işine zeper ýetip bilýär.
- Lukmanlar oturan wagtyň böwrekleriň has gowy işleýändigini belleýärler. Aýak üstünde suw içilende suwuklyk ýokary basyş bilen aşgazanyň aşaky bölegine süzülmän geçýär. Şeýle ýagdaýda suwdaky owunjak hapalar öt haltasyna we böwrege barýar. Bu ýagdaý böwregiň we peşew ýollarynyň işiniň bozulmagyna sebäp bolýar.

Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin suwy oturyp, göwräňi dik saklamak arkaly howlukmazdan owurtlap içmeli. Oturyp kadaly derejede suw içilende iýmit siňdiriş ulgamy bilen bagly meseleler ýüze çykmaýar. Şeýle hem beden agzalary, esasan hem, beýni ýokumly maddalar bilen üpjün edilýär. Iş, durmuş ýörelgelerinde ýetişip bilmezligiň ýa-da howlugylýan pursatlaryň bardygyna garamazdan, suwy oturyp içmegi endik etmeli. Bu saglyk üçin derwaýys kadalaryň biridir.

### NÄÇE MUKDARDA SUW IÇMELI?

Adam bedeniniň 50-70 göterimi suwdan ybarat. Beden agzalary, her bir öýjük we dokuma kadaly işlemek üçin suwa zerurlyk duýýar. Işlemek we dowamly hereket etmek arkaly bedenimizden birnäçe litr suwuklyk bölünip çykýar. Şeýle hem howanyň gyzmagy bilen bedende suw ýetmezçiligi ýüze çykýar.

Bilermenleriň bellemegine görä, erkekler üçin her gün 3,7 litr, zenanlar üçin 2,7 litr suw içmek maslahat berilýär. Bu kada iş, durmuş we saglyk ýagdaýyna görä, adamlarda üýtgäp hem biler. Beden üçin zerur bolan suwuklygyň 20 göterimi iýmitlerden we miwelerden alynýar. Galan bölegi suw içmek arkaly doldurylýar. Bilermenler her gün 8 bulgur suw içmegiň maksadalaýykdygyny belleýärler.

Suwsuzlygy gandyrmak üçin hökman suw içmek zerurlygy ýok. Munuň deregine garpyzdyr miwe, ysmanak ýaly gök otlary iýip hem suwsuzlygy gandyryp bolýar. Mundan başga-da, ösümlik çaýlary, süýt we miwe şireleri suwsuzlygy gandyrmak üçin kaloriýa baý içimliklerdir. Bilermenler gazlandyrylan, reňkli içimlikleri içmek arkaly teşneligi gandyrmagy maslahat bermeýärler.

## ÇAGALAR

**Häzirki wagtda dünýäde öý towugynyň 60 töweregi görnüşi bolup, horazlar 15 ýyla çenli ýaşaýar.**

# Aýna gap we daşlar

(Tymsal)

Bir gezek halypalaryň biri şägirtleriniň öňünde sapak berip durka, üýtgeşik mysal getiripdir. Ol uly aýna gabyň içini uly daşlar bilen doldurup, şägirtlerinden onuň dolup-dolmandygyny sorapdyr. Hemmeler aýna gabyň dolandygyny tassyklapdyrlar. Onsoň halypa onuň üstüne owunjak çagyl guýup, gaby ikiýana yralapdyr. Şonda maýda çagyllar iri daşlaryň arasyna düşüp, köwek ýerlerini doldurypdyr. Soňra ol şägirtlerinden ýene-de gabyň dolup-dolmandygyny sorapdyr. Olar ýene-de gabyň dolandygyny aýdypdyrlar.

Soňra halypa stoluň aşagyndan içi çägeli halta çykaryp, ony hem gaba guýýar. Netijede, içi daşly gabyň iň soňky boş ýerlerini hem çäge doldurýar.

Soňra ol edil birinji gaba meňzeş başga bir aýna gaby stoluň üstünde goýýar-da, ony çäge bilen doldurýar. Soňra halypa çägeli gaba iri daşlaryň birini dykmaga dyrjaşýar, ýöne sygmaýar.

– Men şu dury aýna gaplar arkaly öz durmuşyňyza akyl ýetirmegiňizi isleýärin. Mysal hökmünde iri daşlar durmuşyňyzdaky iň esasy zatlar diýip alalyň: bu siziň maşgalaňyz, ýakynlaryňyz we saglygyňyz. Ownuk çagyllar bolsa, iş, öý, goş-golam ýaly maşgala zerurlyklary diýip hasaplalyň. Çäge bolsa, durmuşdaky maýda-çüýde zatlary, gündelik alada-hysyrdylary alamatlandyrýar diýeli. Eger-de, gabyňyzy owal başdan pikirlenmän, çäge bilen dolдursaňyz, onda eýýäm, hiç hili daşa ýer galmaýar – diýip, halypa şägirtleriniň ýüzüne soragly nazaryny aýlap, gürrüňini dowam etdirdi:



– Käte durmuşda hem şeýle bolýar: eger-de siz wagtyňyzyň baryny we güýç-gaýratyňyzy ownuk-uşak zatlara sarp etseňiz, onda möhüm zatlara hiç hili wagt galmaýar. Beýle ýagdaýda siz erňegine çenli çäge bilen doldurylan gaba meňzärsiňiz. Şonuň üçin öz ünsüňizi iň esasy zatlara gönükdiriň, maşgalaňyza, ýakynlaryňyza wagt tapyň, saglygyňyza serediň! Şonda-da size öý işleri bilen meşgullanmaga we beýleki işleri ýerine ýetirmäge wagt tapylar.

***Uly daşlaryňyza esewan boluň, olary gözden salmaň, şolar has ähmiýetli bolup, galanlary diňe çägedir.***

# Bombel – oýnawaja meňzeş atjagaz



At adamzat taryhynda ilkinji eldekileşdirilen jandarlaryň biri bolup, dünýäde 400 töweregi görnüşi bar. Atlaryň käbir tohumy ýyndamlygy bilen tapawutlanýan bolsa, käbiri owadanlygy bilen görenleri haýrana goýýar. Käbiri uly göwresi bilen tanalýan bolsa, atyň edil çagalar üçin niýetlenen ýaly kiçijik görnüşleri hem bar.

Atlaryň appaluza (alabeder menek-menek at) tohumyna degişli Bombel dünýäniň iň kiçi aty hasaplanýar. Boýy bary-ýogy 56,7 santimetre ýetýän kiçijik erkek «taýçanak» Polşanyň Lodz şäherindäki fermada saklanýar. Atyň eýeleri Patrik we Kataržina Zelinskiler Bombeliň kiçijikdigine garamazdan uly güýjüniň bardygyny belleýärler. Alabeder reňkli Bombel fermanyň otly meýdanynda dürli oýunlary etmek bilen birlikde bede üýşmekleriniň üstüne çykyp, böküp hem bilýär. 2014-nji ýylda entek iki aýlyk mahaly käbir aýratynlyklary ýüze çykyp ugran pökgüje at şondan soňra ösmeýär. «Biz taýçanagymyzyň ösüşden galmasyny wagtlaýyn ýagdaý öýdüpdik. Emma ýaşy ulalansoň hem Bombel şol durkunda saklandy. Biz ahyrsoňy Ginnesiň rekordlar kitabyna habar bermeli diýen karara geldik» diýip, Kataržina gürrüň berýär. Şeýlelikde, Bombel 2018-nji ýylda dünýäniň iň kiçi aty diýlip Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilýär.





Bombel daş-töweregine şatlyk paýlamaga ökde. Pökgüje aty, esasan hem, çagalar eý görýärler. Çagalar häli-şindi ferma baryp, Bombeliň gülkünç hereketlerini synlaýarlar, aty idedýärler hem-de wagtlaryny gyzykly geçirýärler.

# Horaz näme üçin gygyrýar?





Ertekilerde, multfilmlerde ir säher bilen horazyň «gy-gy-gy-gyk» diýip gygyryp tutuş obany turuzýandygy barada okan ýa-da gören bolsaňyz gerek. Günüň dowamynda horazyň birnäçe gezek gygyrmagy tebigatyň kanuny ýaly bolup görünse-de, munuň aýratyn sebäpleri bar. Guşlar bilen gyzyklanýan hünärmenleriň bellemegine görä, horaz Gün doganda we günüň dowamynda 12-15 gezek gygyrýar.

**Horazyň gygyrmagynyň sebäpleri:**

- ☑ Towuklaryň we daş-töweregindäkileriň ünsüni özüne çekmek üçin.
- ☑ Howply ýagdaýy duýdurmak üçin.
- ☑ Beýleki horazlara araçägi we eýeçiligi yglan etmek üçin.
- ☑ Şatlykly ýagdaýy habar bermek üçin.

Janly-jandarlaryň köpüsinde gije-gündiziň aýlawyny yzarlaýan işjeňlik ritmi bar. Geçirilen barlaglara görä, horazlaryň biologik sagady ir bilen oýanyp, begenjini daş-töweregindäkilere habar bermegini üpjün edýär. Käbir alymlar gyzyl kekeçlileriň daň bilen gygyrmagyny gormon işjeňligi bilen hem düşündirýärler. Syn eden bolsaňyz bir horaz «aýdym aýtmaga başlanda» beýleki horazlar hem oňa goşulyşýarlar. Muny şeýleräk düşündirmek bolar: bir horaz gygyryp özüniň araçägi, eýeçiligi we ýagdaýy barada töweregine habar berýär. Eger-de çägine nätanyş horazdyr guşlar aýak bassa, kynçylyk çekjekdigini duýdurýar. Duýduryş berýän horaz sesini



has uzakdaky horazlaryň hem eşitmegi üçin beýik ýere çykyp gygyrýar. Beýleki horazlar hem oňa jogap gaýtarýarlar. Gygyryşyp habarlaşmak zynjyr ýaly bolup, 2-20 töweregi horazyň arasynda bolup geçýär.

Horaz guşlar maşgalasynyň towuklar toparyna degişli bolup, owadan reňki, uzyn guýrugy we ullakan gyzyl kekeji bilen tapawutlanýar. Häzirki wagtda dünýäde öý towugynyň 60 töweregi görnüşi bolup, horazlar 15 ýyla çenli ýaşaýar. Jüýjelikden saýlanan horaz 5-6 aýlykda gygyryp başlaýar.

## Bäbekler hakda gyzykly maglumatlar

- ☑ Ýaňy doglan bäbekler kellesini çepe däl-de, sag tarapa öwrüp ýatýarlar.
- ☑ Bäbekler doglanda dyzyny epip bilmeýär.
- ☑ Çagalar, takmynan, 30 müň töweregi tagamy saýgaryp bilýär.
- ☑ Çaga doglanda ejesiniň ysyny we sesini tanap bilýär. Beýleki hossarlarynyň sesini we ysyny tapawutlandyrmak üçin birnäçe hepde gerek bolýar.
- ☑ Maý aýynda doglan bäbekler beýleki aýlarda doglan çagalardan, takmynan, 200 gram agyr bolýar.
- ☑ Çagalar ýüzmek ukyby bilen bile dünýä inýärler. Şeýle hem olar suwuň aşagynda birnäçe minutlap demini saklap durup bilýärler.
- ☑ Çagalar 6 aýdan soň zatlary saýgaryp we biri-birinden tapawutlandyryp başlaýarlar.
- ☑ Bäbekler doglanda 20 santimetr aralygy gowy görýärler. Üçünji aýda bäbekleriň görşi gowulanyp, reňk saýgaryp başlaýarlar.
- ☑ Halkymyzda oglan çaga dogulsa gapydan ok-ýaý asmak, gyz çaga dogulsa gurjak asmak däbiniň bolşy ýaly, greklerde hem zeýtun şahasyny we ýüň mata bölejigini asmak adaty bar.

Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!










# 77-nji Kann film festiwalynda «Altyn palma» baýragyna dalaşgär filmler mälim edildi

**Kino sungatynyň iň esasy film festiwallarynyň hatarynda görkezilýän Kann kino festiwalynda baş baýragyň dalaşgärleri mälim edildi. Şu ýylyň 14–25-nji maýy aralygynda geçiriljek 77-nji Kann film festiwalynda baş baýrak bolan «Altyn palma» 19 film dalaşgär görkezildi.**



Fransiýaly režissýor Kenten Dýupýonyň «Ikinji akt» (Le deuxième acte) filmi bilen açyljak festiwalda baş baýraga dalaşgär görkezilen ekran eserleriniň arasynda ussat režissýor Fransis Ford Koppola, Ýorgos Lantimos, Andrea Arnold, Dewid Kronenberg, Žak Odiar, Ali Abbasi, Pol Şrader, Kirill Serebrennikow, Paolo Sorrentino hem-de Szýa Čžanke ýaly belli režissýorlaryň surata düşüren soňky kinolary hem bar.

Festiwalda esasy bäsleşigiň çäginde bäsleşjek filmleri saýlajak eminler toparyna meşhur zenan režissýor Greta Gerwig ýolbaşçylyk eder. Eminler toparynyň hem öňümizdäki günlerde mälim edilmegine garaşylýar.

Esasy bäsleşikden başga-da festiwalyň çäginde «Başgaça garaýyş» (Un Certain Regard), «Bäsleşikden daşgary» (Hors Competition), «Kann premýeralary» (Cannes Premiere), «Ýörite görkezilişler» (Special Screenings) hem-de «Ýarygijeki görkezilişler» (Midnight Screenings) ýaly bölümlerde-de birnäçe ekran eserleri görkeziler. «Başgaça garaýyş» bölüminde bäsleşjek filmlere baha berjek eminler toparyna kanadaly ýaş režissýor hem-de aktýor Ksawie Dolan ýolbaşçylyk eder.

Jorj Milleriň kino muşdaklarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Furiosa: telbe Maksyň hronikasy» (Furiosa: A Mad Max Saga) filmi-de «Bäsleşikden daşgary» bölüminiň çäginde tomaşaçylaryň dykgatyna ýetiriler. Şol bölümde fransiýaly ýaş zenan aktrisa hem režissýor Noemi Merlanyň öz ssenarisi esasynda ekranlaşdyran «Balkondaky zenanlar» (Les Femmes au balcon) filmi-de garaşylýanlaryň hatarynda diýlip bellenilýär.

Festiwalyň çäginde ussat kinoçy, «Ýyldyz söweşleri» filmleriniň esaslandyryjysy we režissýory Jorj Lukasa «Altyn palma» (Honorary Palme d'Or) hormat sylagy berler.

## 77-nji Kann film festiwalynda baş baýraga dalaşgär görkezilen filmler:

«Anora» (Anora) – *(rež.)* Şon Beýker – *(filmi öndüriji ýurt)* ABŞ

«Şägirt» (The Apprentice) – Ali Abbasi – Daniýa, Kanada, Irlandiýa

«Destino moteli» (Motel Destino) – Karim Aýnuz – Braziliýa, Fransiýa

«Guş» (Bird) – Andrea Arnold – Birleşen Patyşalyk, Fransiýa, Germaniýa

«Emiliýa Peres» (Emilia Perez) – Žak Odiar – Fransiýa

«Megalopolis» (Megalopolis) – Fransis Ford Koppola – ABŞ

«Örtükler» (The Shrouds) – Dewid Kronenberg – Kanada, Fransiýa

«Hakykat» (The Substance) – Korali Faržea – ABŞ

«Uly gezelenç» (Grand Tour) – Miguel Gomeş – Portugaliýa, Fransiýa

«Marçello Mio» (Marcello Mio) – Kristof Onore – Fransiýa, Italiýa

«Romantik ýaşlar» (Caught By The Tides) – Szýa Čžanke – Hytaý

«Biziň hemmämiz ýagtylyk ýaly pikir edýäris» (All We Imagine As Light) – Paýal Kapadia – Hindistan, Fransiýa

«Ýagşylygyň görnüşleri» (Kinds Of Kindness) – Ýorgos Lantimos – Irlandiýa, Birleşen Patyşalyk

«Ejir çeken ýürekler» (L'amour Ouf) – Žill Lelluş – Fransiýa, Belgiýa

«Ýabany almaz» (Diamant brut) – Agate Ridinger – Fransiýa

«Kanada» (Oh Canada) – Pol Şrader – ABŞ

«Limonow: Ediçke hakynda ballada» (Limonov – The Ballad) – Kirill Serebrennikow – Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa

«Partenope» (Parthenope) – Paolo Sorrentino – Italiýa, Fransiýa

«Iňňeli gyz» (Pigen med nalen) – Magnus Won Horn – Şwesiýa, Daniýa, Polşa




# Kino täzelikleri

### RIWZIŇ NOBATDAKY KINOLARY

● Ussat aktýor, «Matrisa» (Matrix) we «Jon Wik» (John Wick) filmleri bilen tutuş dünýäde uly meşhurlyk gazanan Kianu Riwziň indiki taslamalary mälim edildi. Ilki bilen onuň «Jon Wik» filmleriniň spin-off kinosy (ýanama ekran eseri) boljak «Ballerina» filminde surata düşjekdigi habar berildi. Kianu Riwz belli aktrisa Ana de Armasyň baş keşpde surata düşjek filminde Jon Wikiň keşbini ýerine ýetirer. Filme «Ýerasty dünýäsi» (Underworld) filmleri bilen adygan Len Waýsmen režissýorlyk eder. Filmde Armas hem-de Riwzden başga-da, Anjelika Hýuston, Gabriel Birn, Lans Reddik, Norman Ridus, Iýn MakŞeýn, Katalina Sandino Moreno dagy hem dürli keşpleri janlandyrarlar. «Lionsgate» studiýasynyň önümi boljak ekran eseri 2025-nji ýylyň 6-njy iýunynda kinoteatrlara ýaýradylar.



Kianu Riwziň «Sonik atly kirpi» (Sonic the Hedgehog) filmleriniň üçünjisiniň kastingine goşulandygy hem habar berildi. Ol bu animasiýa gatyşykly filmde kirpi Şedowa ses berer. Prokatlardan ilkinji iki filmi bilen 725 million dollardan gowrak girdeji gazanan seriýanyň üçünji kinosynda ýene-de Ben Şwarts, Kolin O'Şonessi, Idris Elba gahrymanlara ses berse, Jeýms Marsden, Tika Sampter, Jim Kerri, Tom Batler dagy dürli keşplerde surata düşerler. Ilkinji iki filmi hem surata düşüren Jeff Powleriň režissýorlyk etjek kinosy şu ýylyň 20-nji dekabrynda ekranlarda peýda bolar.

### OSKAR ALANYNDAN SOŇKY TÄZE KEŞPLERI

● Şu ýylyň mart aýynyň başlarynda «Görgüli betbagtlar» filmindäki keşbi bilen iň gowy aktrisa ugry boýunça ikinji Oskaryny gazanan Emma Stounyň nobatdaky kinosy mälim edildi. Ady äşgär edilmedik film «Universal Pictures»-iň önümi bolup, bu ekran eserine Emma Stounyň ýanýoldaşy Deýw MakKari režissýorlyk eder. Bu onuň «Brigsby Bear» filminden soň ikinji uzyn metražly kinosy bolar. Film barada beýleki maglumatlaryň ýakyn günlerde mälim edilmegine garaşylýar. Ýeri gelende bellesek, Emma Stoun özüne ikinji Oskaryny gazandyran «Görgüli betbagtlar» filminiň režissýory Ýorgos Lantimosyň ýene-de iki kinosynda baş keşplerde surata düşer. Öňümizdäki maý aýynda Kann film festiwalynda görkeziljek «Ýagşylygyň görnüşleri» hem koreýleriň 2003-nji ýylda ekranlara çykan «Save the Green Planet!» filminiň rimeýkinde (täzeden surata düşüriljek nusgasynda) esasy keşpleri ýerine ýetirer. Ol şol bir wagtyň özünde finlýandiýaly özboluşly filmleriň režissýory Ari Asteriň «Eddlington» kinosynda hem-de Kreýk Žillespiniň režissýorlyk etjek «Cruella 2» filminde hem surata düşer.



# Täze film

● **Ady:** «Godzilla we Kong: täze imperiýa» (Godzilla x Kong: The New Empire); **Režissýory:** Adam Wingard; **Keşplerde:** Rebekka Holl, Braýan Taýri Henri, Dan Stiwens, Kaýli Hottl, Aleks Ferns, Fala Çen; **Ssenariçi:** Terri Rossio, Saýmon Barrett, Jeremi Sleýter («Toho Co., Ltd»-niň «Godzilla and Mothra» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Tomas Tull, Jon Jaşni, Braýan Rojers; **Kompozitory:** Tom Holkenborg, Antonio Di Iorio; **Öndüriji:** «Legendary Pictures»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures» (dünýäde), «Toho» (Ýaponiýada); **Görnüşi:** uruşly, «monster»; **Dowamlylygy:** 115 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 135–150 million $.




Ýaponlaryň äpet nägehany Godzilla bilen äpet maýmyn Konguň bilelikdäki täze filmi «Godzilla we Kong: täze imperiýa» diýlip atlandyrylýar. Adam Wingardyň režissýorlyk eden kinosynda esasy keşpleri Rebekka Holl, Braýan Taýri Henri, Dan Stiwens dagy janlandyrýar. 150 million dollara golaý çykdajy edilen film ekranlarda görkezilip başlany bäri 440 million dollar möçberinde girdeji toplady. Film Godzilla barada 38-nji, Kong baradaky 13-nji kinodyr. Ekran eseriniň surata düşüriliş işleriniň agramly bölegi Awstraliýanyň Kuinslend ştatynda alnyp baryldy.

Bu gezek iki nägehan adamzat üçin uly howp bolup görünýän duşmana garşy bilelikde göreş alyp barmaly bolýarlar.



## 18-nji SKANWORD

**Ogulbagt ORAZDURDYÝEWA,** *Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*



## 24-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Aýakgap tikmek bilen meşgullanýan adam. **2.** Yş. **3.** Alada-gaýgy zerarly döreýän ynjalyksyzlyk. **4.** Futbolyň şasy. **5.** Ýewropanyň çeperçilik programmasy bolan kiçijik güýmenje edarasy. **6.** Kürtä, ýaka salynýan nagyş. **7.** Ýaşaýşyňdan razylyk, hoşallyk. **8.** «Duşmana ... ýagşy» (nakyl). **9.** Pagta bilen doldurylyp tikilen öý goşy. **14.** Emeli suw desgasy. **16.** «Suw» sözüniň iňlisçesi. **18.** Torbaly alaka. **19.** Fransuz moda markasy. **20.** Tropik miwe. **22.** Dogruçyl, ynamly (köne söz). 23. «Karta» sözüniň iňlisçesi. **25.** Daşary ýurt gyz ady. **26.** Üflenip çalynýan saz guralynyň bir görnüşi. **28.** Harytlaryň ýurtlara satylmagy. **30.** Hemişe gök öwsüp oturan inçe ýaprakly agaç. **31.** Zimbabweniň paýtagty. **32.** Bir zadyň mäkäm durmagy üçin agramlyk daş. **33.** Hiç kime duýdurman, ogryn, ýaşyryn. **34.** Aýratyn niýetlenen. **35.** Nemes şahyry, akyldary, tebigaty öwreniji Iogann ... **36.** Bir iş etmeklige berlen ygtyýar. **37.** Bognaýakly, bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran zäherli mör-möjek. **38.** Oglan ady. **39.** Ýandak, ot ýatyrmakda ulanylýan oba hojalyk guraly. **40.** Aýlaryň biri. **41.** «Ilde bir näzenin tapylmaz sençe,/ Barça älem saňa ... olar» (Seýdi). **42.** Aziýada bir döwlet.

● **KESELIGINE:** **4.** Amerikan awtoulagy. **10.** Täjigistanyň paýtagty. **11.** Ilkinji ynsan. **12.** Deňizde gämini bir ýerde saklamak üçin suwuň düýbüne taşlanýan zynjyrly, gaňyrçakly agyr demir. **13.** Iň kiçi barmak. **15.** Ýolagçy ulagy. **17.** Gurluşyk materiallaryny öndürýän italýan kompaniýasy. **19.** «Lezzeti ... bolar, söz bolsa uzak» (Misgingylyç). **21.** «Akmak özün akyl diýr,/ ... özün sag saýar» (Magtymguly Pyragy). **23.** Dünýäniň moda şäheri. **24.** Döwek döwlende harmanyň daşyna halkalaýyn aýlanan däne gatyşykly saman üýşmegi. **26.** Garyndaşlyk gatnaşygyny görkezýän söz. **27.** Arpadyr bugdaýyň hasyly. **29.** Adamlaryň daşky gurşaw bilen gatnaşygy esasynda adam psihikasyny öwrenýän ylym. **37.** Bognaýakly, bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran zäherli mör-möjek. **38.** Oglan ady. **39.** Ýandak, ot ýatyrmakda ulanylýan oba hojalyk guraly. **40.** Aýlaryň biri. **41.** «Ilde bir näzenin tapylmaz sençe,/ Barça älem saňa ... olar» (Seýdi). **42.** Aziýada bir döwlet.

22-nji krosswordyň jogaby:



23-nji krosswordyň jogaby:



16-njy skanwordyň jogaby:



17-nji skanwordyň jogaby:



## NBA-nyň ýyldyzlary Pariž 2024-e gatnaşar




● Ýene-de 3 aý gowrak wagtdan başlanjak Pariž 2024 tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşjak ABŞ-nyň basketbol ýygyndy (erkekler) topary belli boldy. Super ýyldyz LeBron Jeýmsiň ýolbaşçylygynda Parižädäki basketbol duşuşyklaryna NBA-nyň meşhur basketbolçylary gatnaşarlar. NBA-nyň super ýyldyzlaryny özünde jemleýän ýygynda LeBron Jeýms, Antoni Dewis («Los Anjeles Leýkers»), Bam Adebaýo («Maýami Hit»), Kewin Durant, Dewin Buker («Finiks Sans»), Stefen Körri («Golden Steýt Warriors»), Antoni Edwards («Minnesota Timberwolwes»), Joel Embiid («Filadelfia 76ers»), Taýriz Haliberton («Indiana Peýsers»), Jrue Holideý, Jaýson Tatum («Boston Seltiks»), Kawhi Leonard («Los Angeles Klippers») dagy çagyryldy. Tälimçi Grant Hilliň ýolbaşçylygynda ABŞ-nyň basketbol ýygyndysy bassyr 5-nji çempionlygyna ymtylýar.

## «Masters» ýaryşyndaky 2-nji kubogy



Golf boýunça 4 uly ýaryşyň möwsümdäki ilkinjisi bolan «Masters» bäsleşigi ABŞ-nyň Jorjia ştatynda geçirildi. 88-nji gezek geçirilen «Masters» ýaryşynda amerikaly Skotti Şeffler 277 utuk toplap, 2022-nji ýyldan soň 2-nji gezek çempionlyk gazanmagy başardy. 20 million dollar baýrak gaznasy bolan ýaryşda Şefflere ýeňiji hökmünde 3,6 million dolalr berler. Ýaryşda 2-nji ýeri şwesiýaly Ludwid Aberg eýeläp, ol 2,16 million dollarlyk pul sylagyny alar.

# ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 7 | 7 | 0 | 0 | 41-2 | 21 |
| 2 | «AHAL» | 7 | 5 | 0 | 2 | 13-6 | 15 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 7 | 5 | 0 | 2 | 14-8 | 15 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 7 | 4 | 0 | 3 | 10--7 | 12 |
| 5 | «MERW» | 7 | 4 | 0 | 3 | 6--12 | 12 |
| 6 | «NEBITÇI» | 7 | 3 | 0 | 4 | 6--11 | 9 |
| 7 | «AŞGABAT» | 8 | 2 | 1 | 5 | 6--17 | 7 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 7 | 0 | 2 | 5 | 3--16 | 2 |
| 9 | «ENERGETIK» | 7 | 0 | 1 | 6 | 3--23 | 1 |

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 7-nji tapgyrdaky 4 oýnuň 3-sinde myhmanlar ýeňiş gazanyp, 1 duşuşykda ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. Çempionatyň 8-nji tapgyryndaky 4 oýunda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Geçirilen 4 duşuşykda 20 gol hasaba alyndy.**

Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary myhmançylykda Marynyň «Energetik» toparynyň derwezesinden jogapsyz 7 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini Didar Durdyýew (37 p, 58), 2-sini Şanazar Tirkişow (45, 70), beýlekileri-de Ilýa Tamurkin (48), Welmyrat Ballakow (49) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (83) derweze girizdi.

«Altyn asyr» topary myhmançylykda «Köpetdag» toparyny Myrat Annaýewiň (6, 79) hem-de Wahyt Orazsähedowyň (14) gollary esasynda 3–0 hasabynda ýeňdi.

Paýtagtda ýeňiş gazanan başga bir topar hem «Nebitçi» bolup, balkanabatlylar «Aşgabat» toparyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda «Nebitçiniň» gollarynyň 2-sini hem Arslanmyrat Nazgylyjow geçirip, ol 25-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan hem-de 80-nji minutda tapawutlandy.

Tapgyryň öz meýdançasynda ýeňiş gazanan ýeke-täk topary «Merw» bolup, olar «Şagadamy» 2–0 hasabynda ýeňmegi başardy. Her ýarymda 1 gol geçiren toparyň adyndan 39-njy minutda Şazada Bäşimow bilen 83-nji minutda Şöhrat Owmadow tapawutlandy. Duşuşykda ýer eýelerinden 5, myhmanlardan 4 futbolçy sary kart aldy. Oýnuň ahyrynda bolsa «Merwiň» oýunçysy Serdar Annamämmedow 2-nji sarydan soň meýdançadan çykaryldy.

8-nji tapgyrda sanawyň lideri «Arkadag» topary bu gezek Mary welaýatynyň beýleki toparyndan has uly hasap bilen üstün çykdy. Öz meýdançasynda «Merw» bilen duşuşan «Arkadag» topary 9–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda 2 oýunçy het-trik etmegi başardy. Didar Durdyýew oýnuň 15-nji, 17-nji, 47-nji, Begenç Akmämmedow 21-nji, 46-njy we 65-nji minutlarda tapawutlanyp, toparyň uly hasap bilen ýeňiş gazanmagynda esasy roly oýnadylar. Beýleki gollary 30-njy minutda Şanazar Tirkişow, 79-njy minutda Ybraýyl Mämmedow hem-de 84-nji minutda Begmyrat Baýow derweze girizdi.

Öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny 4–0 hasabynda ýeňen «Ahal» topary 2-nji orna beýgeldi. Duşuşykda «Ahal» toparynyň gollaryny Daýanç Meredow (11), Akmämmet Metdäýew (23), Meýlis Diniýew (57) hem-de Azat Rahmanow (80, ö.d.) geçirdi.

6 goluň geçirilen duşuşygynda-da «Altyn asyr» topary öz meýdançasynda «Energetik» toparyny 4–2 hasabynda ýeňdi. Myrat Annaýewiň 2 gol geçiren oýnunda eýýäm 5-nji minutda toparlaryň hersi 1 goly derweze girizdi. «Altyn asyryň» gollaryny Wahyt Orazsähedow (5), Myrat Annaýew (56, 83 p), Arslan Saparow (85), «Energetik» toparynyň gollaryny-da Ruslan Täjiýew (2, ö.d.), Begenç Temriýew (89) tora saldy. Duşuşygyň 82-nji minutynda «Energetikden» Myrat Aşyrow gyzyl kart aldy.

Şeýle-de, «Nebitçi» öz meýdançasynda «Köpetdag» toparyny iň kiçi hasap bilen üstün çykmagy başardy. Balkanabatlylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 22-nji minutda Myratdurdy Baýramow öz adyna ýazdyrdy.



## «Liwerpulyň» garaşylmadyk ýeňlişi

UEFA Ýewropa Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklarynyň iň garaşylmadyk netijesi Angliýada hasaba alyndy. Italiýanyň «Atalanta» topary «Anfield» stadionynda güýçli garşydaşy «Liwerpuly» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda gollaryň 2-sini 38-nji we 60-njy minutlarda Janluka Skamakka, beýlekisini-de 83-nji minutda Mario Paşaliç geçirdi. Mundan öňem Liwerpul şäherinde «Liwerpuly» 2–0, «Ewertony» hem 5–1 ýeňen «Atalanta» 34 oýundan soň Ýurgen Kloppuň tälim berýän klubuny «Anfield» stadionynda ýeňmegi başaran ilkinji topar boldy. «Liwerpul» jogap duşuşygynda «Atalantadan» 5–1 hasabynda üstün çykypdy.

Italiýa derbisinde «Milan» öz meýdançasynda «Romadan» 1–0 hasabynda asgyn gelip, ýeke-täk goly 17-nji minutda Janluka Mançini geçirdi.

«Baýer» topary-da oýnuň soňky minutlarynda Hofmannyň (83) hem-de Bonifeýsiň (90+1) gollary esasynda «West Hamdan» üstün çykdy.

«Benfika» bilen «Marseliň» arasyndaky duşuşykda ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda «Benfikanyň» gollaryny Rafa Silwa (16) bilen Anhel Di Mariýa (52), «Marseliň» ýeke-täk goluny bolsa Obameýang (62) derweze girizdi.

UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda-da çärýek finalyň 1-nji duşuşyklarynda «Klub Brýugge» öz meýdançasynda PAOK toparyny 1–0 (Wetlesen 6), «Olimpiakos» Pireýde «Fenerbahçeni» 3–2 (Fortunis 8, Ýowetiç 32, Çikuinýo 57 — Tadiç 68 p, Kahweji 74), «Aston Willa» bolsa Angliýada «Lill» toparyny 2–1 (Watkins 13, MakGinn 56 — Diakite 84) hasabynda ýeňdi. «Wiktoriýa Plzen» bilen «Fiorentinanyň» arasyndaky oýunda-da hasap açylmady.





## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*19-njy aprel (anna)*

Jenoa – Lasio (21:30)
Kaliari – Ýuwentus (23:45)

*20-nji aprel (şenbe)*

**Braýton – Çelsi (19:00)**
**Empoli – Napoli (21:00)**
Union Berlin – Bawariýa (21:30)
Walensiýa – Betis (21:30)
**Wulwerhempton – Arsenal (23:30)**
Žirona – Kadiz (00:00)

*21-nji aprel (ýekşenbe)*

**Borussiýa D – Baýer (20:30)**
**Fulham – Liwerpul (20:30)**
Alawes – Atletiko (21:30)
Monza – Atalanta (23:45)
**Real Madrid – Barselona (00:00)**

*22-nji aprel (duşenbe)*

**Roma – Bolonýa (21:30)**
**Milan – Inter (23:45)**

*23-nji aprel (sişenbe)*

**Arsenal – Çelsi (00:00)**

*24-nji aprel (çarşenbe)*

Loriýan – PSŽ (22:00)
Monako – Lill (22:00)
Marsel – Nissa (00:00)
**Ewerton – Liwerpul (00:00)**







### 3 TOPARDA ÇEMPIONLYK GAZANAN ILKINJI SÜRÜJI

● Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirildi. 5,5 kilometrlik «Americas» trassasynda geçirilen ýaryşda «Aprilia Racing» toparynyň ispan sürüjisi Mawerik Winýales ýeňiş gazandy. Ol 20 aýlawy 41 minut 9,503 sekuntda geçip, möwsümdäki ilkinji ýeňşini baýram etdi. Bu onuň Moto GP karýerasy boýunça 10-njy ýeňşi bolup, ol 3 dürli toparda ýeňiş gazanan ilkinji sürüji hökmünde hasaba alyndy. 29 ýaşyndaky pilot 2016-njy ýylda «Suzuki» bilen 1, 2017-2021-nji ýyllar aralygynda-da «Yamaha» bilen 8 «Gran Pride» ýeňiji bolupdy.

Ýaryşda «Red Bull KTM» toparynyň 19 ýaşyndaky ispan sürüjisi Pedro Akosta 2-nji ýeri eýeläp, ol ýeňijiden 1,728 sekunt yza galdy. Münberiň 3-nji basgançagyna-da «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini çykdy. Geçirilen 3 ýaryşdan soň «Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 80 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. Bastianininiň 59, Winýalesiň 56 utugy bar.

Möwsümiň 4-nji ýaryşy 28-nji aprelde Ispaniýanyň Heres şäherinde geçiriler.

### 128-nji BOSTON MARAFONY

● ABŞ-nyň Massaçusets ştatynyň Boston şäherinde dünýäniň iň gadymy marafony hasaplanýan Boston marafony geçirildi. 6 uly marafon bäsleşiginiň biri bolan 128-nji Boston marafonynda erkekleriň arasynda efiopiýaly Sisaý Lemma ýeňiş gazandy. Ol 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 6 minut 17 sekuntda tamamlady. Bu üstünlik 34 ýaşyndaky türgeniň 2021-nji ýyldaky London marafonyndan soň uly marafonlardaky 2-nji ýeňşidir. Ýaryşda Lemmadan 41 sekunt yza galan watandaşy Mohamed Esa 2-nji ýeri, 2 sagat 7 minut 22 sekuntda pellehana gelen keniýaly Ewans Çebet 3-nji ýeri eýeledi.

Zenanlaryň arasynda keniýaly Hellen Obiri ýeňiji bolup, ol 2 sagat 22 minut 37 sekuntda ýaryşy tamamlady. Bostonda bassyr 2-nji gezek çempion bolan 34 ýaşyndaky Obiri uly marafonlardaky 3-nji ýeňşini gazandy. Ol geçen ýyl Nýu Ýork marafonynda-da çempion bolupdy. Obiriden 8 sekunt gijä galan başga bir keniýaly Şaron Lekedi 2-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda Boston marafonynda ýeňiş gazanan keniýaly Edna Kiplagat 2 sagat 23 minut 21 sekuntda pellehana gelip, 3-nji orny eýeledi.

### 38 ÝYLLYK REKORDY TÄZELEDI

● Litwaly ýeňil atletikaçy Mikolas Alekna disk zyňmakda dünýä rekordynyň täze eýesi boldy. Ol ABŞ-nyň Oklahoma ştatyndaky Ramona şäherçesinde geçirilen ýaryşda diski 74,35 metre zyňyp, 38 ýyllyk rekordy täzeledi. Ozalky rekord germaniýaly Ýurgen Şulta degişlidi. Ol 1986-njy ýylda Neubrandenburgda diski 74,08 metre zyňyp, rekord goýupdy.

21 ýaşyndaky türgen şol bir wagtyň özünde kakasynyň iň ýokary görkezijisinden hem öňe geçmegi başardy. Onuň kakasy Wirgilius Alekna 2000-nji ýylda diski 73,88 metre zyňyp, şol wagta çenli iň ýokary 2-nji derejäni gazanypdy.

### SOŇKY 4 ÝYLDA 3-nji ÇEMPIONLYK

● Ýylyň iri tennis ýaryşlarynyň biri hasaplanýan «Monte Karlo Masters» bäsleşiginde gresiýaly Stefanos Sisipas çempion boldy. Sanawyň 12-nji belgili tennisçisi finalda 10-njy belgili raketkaçy, norwegiýaly Kasper Ruud bilen duşuşdy. 1 sagat 38 minutlap dowam eden finalda



Sisipas garşydaşyny 6:1 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Şeýlelikde, Sisipas soňky 4 ýylda 3-nji gezek «Monte Karlo Masters» ýaryşynda çempion bolmagy başardy (2021, 2022, 2024).

Iki tennisçi hem şu ýaryşa çenli 10 kubok gazanypdy we Sisipas bu ugurda garşydaşyndan öňe saýlandy.

## «Baýeriň» taryhy çempionlygy




**Germaniýanyň çempionatynda çempion wagtyndan öň belli boldy. 29-njy tapgyra çempionlykdan 3 utuk uzakda başlan «Baýer» topary öz meýdançasynda «Werderiň» derwezesinden gol baryny ýagdyrdy. Bonifeýsiň, Džakanyň gollary hem-de Wirtsiň het-trigi bilen 5-0 hasabynda ýeňiş gazanan Lewerkuzen şäheriniň «Baýer» topary möwsümiň tamamlanmagyna 5 tapgyr galanda, çempionlygyny yglan etdi. Bu ýeňiş 1904-nji ýylyň 1-nji iýulynda esaslandyrylan klubuň taryhyndaky ilkinji çempionlygydyr. Klub mundan ozal 5 gezek 2-nji ýeri eýeläpdi (1997, 1999, 2000, 2002, 2011). 11 ýyldan bäri çempionlygy özünde saklap gelýän «Bawariýanyň» bu üstünligini soňlandyran «Baýer» topary «Bundesligada» çempionlyk gazanan 13-nji klub hökmünde hasaba alyndy.**

**29-njy tapgyrda «Bawariýa» «Kölni» 2-0, «Ştutgart» «Aýntrahty» 3-0 hasaplar bilen ýeňdi. «Ştutgart» toparynda Girassi 25-nji goluny geçirip, bu ugurda klubuň rekordyny täzeledi. Ozalky rekord bir möwsümde 24 gezek tapawutlanan Mario Gomese degişlidi. Iki atdaş toparlaryň duşuşygynda «Borussiýa Dortmund» myhmançylykda «Borussiýa M» toparyny Sabitseriň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňdi. «Leipsig» bolsa öz meýdançasynda «Wolfsburgyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi.**







### PREMIER LEAGUE (33) — 33 gol

**Nýukasl—Tottenham: 4–0** (Isak 30, 51, Gordon 32, Şer 87), **Börnli—Braýton: 1–1** (Brawnhill 75 — Muriç 79 ö.d.), **Brentford—Şeffild Ý.: 2–0** (Arblaster 64 ö.d., Onieka 90+3), **M. Siti—Luton: 5–1** (Hasioko 2 ö.d., Kowaçiç 64, Holann 76 p, Doku 87, Gwardiol 90+3 — Barkli 81), **N. Forest—W.Hempton: 2–2** (Gibbs-Waýt 45+1, Danilo 57 — Mateus Kunýa 40, 62), **Bornmut—M. Ýunaýted: 2–2** (Solanke 16, Kluiwert 36 — Bruno Fernandeş 31, 65 p), **Arsenal—A. Willa: 0–2** (Beýli 84, Watkins 87), **Liwerpul—K. Palas: 0–1** (Eze 14), **West Ham—Fulham: 0–2** (Pereýra 9, 72), **Çelsi—Ewerton: 6–0** (Palmer 13, 18, 29, 64 p, Jekson 44, Gilkrist 90+1)

### LA LIGA (31) — 17 gol

**Betis—Selta: 2–1** (Miranda 53, Fekir 83 — Strand Larsen 90+1), **Atletiko—Žirona: 3–1** (Grizmann 34 p, 50, Korrea 45+6 — Dowbyk 4), **Raýo Wallekano—Hetafe: 0–0, Malýorka—Real Madrid: 0–1** (Tçuameni 48), **Kadiz—Barselona: 0–1** (Feliks 37), **Las Palmas—Sewilýa: 0–2** (En-Nesiri 43, Lukebakio 90+3), **Granada—Alawes: 2–0** (Uzuni 9 p, Boýe 38), **Atletik—Wilýarreal: 1–1** (Sanset 67 — Pareho 90+5 p), **Real Sosiedad—Almeriýa: 2–2** (Bekker 32, Oýarzabal 59 — Embarba 30, 88 p), **Osasuna—Walensiýa: 0–1** (Almeýda 18)

### SERIE A (32) — 26 gol

**Lasio—Salernitana: 4–1** (Anderson 7, 35, Wesino 14, Isaksen 87 — Çauna 16), **Leççe—Empoli: 1–0** (Sansone 89), **Torino—Ýuwentus: 0–0, Bolonýa—Monza: 0–0, Napoli—Frozinone: 2–2** (Politano 16, Osimhen 63 — Şeddira 50, 73), **Sassuolo—Milan: 3–3** (Pinamonti 4, Llorente 10, 53 — Leao 20, Ýowiç 59, Okafor 84), **Inter—Kaliari: 2–2** (Turam 12, Çalhanoglu 74 p — Şomurodow 65, Wiola 83), **Fiorentina—Jenoa: 1–1** (Ikone 54 — Gudmundsson 42 p), **Atalanta—Werona: 2–2** (Skamakka 13, Ederson 18 — Lazowiç 56, Noslin 60), **Udineze—Roma** (1–1, 71-nji minutdan soň ýatyryldy)

### BUNDESLIGA (29) — 26 gol

**Augsburg—Union Berlin: 2–0** (Tits 47, Mihel 81), **Bawariýa—Köln: 2–0** (Gerreýro 65, Müller 90+3), **Borussiýa M—Borussiýa D: 1–2** (Weber 36 — Sabitser 22, 28 p), **Bohum—Haýdenhaým: 1–1** (Şlotterbek 90 — Şlotterbek 81 ö.d.), **Maýns—Hoffenhaým: 4–1** (Burkardt 47, Mwene 51, Gruda 63, Onisiwa 89 — Kaderžabek 19), **Leipsig—Wolfsburg: 3–0** (Dani Olmo 13, Şeşko 68, Openda 82), **Ştutgart—Aýntraht: 3–0** (Girassi 11, Undaw 17, Laweling 37), **Darmştadt—Fraýburg: 0–1** (Doan 36), **Baýer—Werder: 5–0** (Bonifeýs 25 p, Džaka 60, Wirts 68, 83, 90)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 32 | 22 | 7 | 3 | 76-32 | 73 |
| 2 | ARSENAL | 32 | 22 | 5 | 5 | 75-26 | 71 |
| 3 | LIWERPUL | 32 | 21 | 8 | 3 | 72-31 | 71 |
| 4 | ASTON WILLA | 33 | 19 | 6 | 8 | 68-49 | 63 |
| 5 | TOTTENHAM | 32 | 18 | 6 | 8 | 65-49 | 60 |
| 6 | NÝUKASL | 32 | 15 | 5 | 12 | 69-52 | 50 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 32 | 15 | 5 | 12 | 47-48 | 50 |
| 8 | WEST HAM | 33 | 13 | 9 | 11 | 52-58 | 48 |
| 9 | ÇELSI | 31 | 13 | 8 | 10 | 61-52 | 47 |
| 10 | BRAÝTON | 32 | 11 | 11 | 10 | 52-50 | 44 |
| 11 | W. HEMPTON | 32 | 12 | 7 | 13 | 46-51 | 43 |
| 12 | FULHAM | 33 | 12 | 6 | 15 | 49-51 | 42 |
| 13 | BORNMUT | 32 | 11 | 9 | 12 | 47-57 | 42 |
| 14 | K. PALAS | 32 | 8 | 9 | 15 | 37-54 | 33 |
| 15 | BRENTFORD | 33 | 8 | 8 | 17 | 47-58 | 32 |
| 16 | EWERTON | 32 | 9 | 8 | 15 | 32-48 | 27 |
| 17 | N. FOREST | 33 | 7 | 9 | 17 | 42-58 | 26 |
| 18 | LUTON TAWN | 33 | 6 | 7 | 20 | 46-70 | 25 |
| 19 | BÖRNLI | 33 | 4 | 8 | 21 | 33-68 | 20 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 32 | 3 | 7 | 22 | 30-84 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 20 |
| 3 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 19 |
| 4 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 17 |
| 5 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 17 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 31 | 24 | 6 | 1 | 67-20 | 78 |
| 2 | BARSELONA | 31 | 21 | 7 | 3 | 62-34 | 70 |
| 3 | ŽIRONA | 31 | 20 | 5 | 6 | 63-39 | 65 |
| 4 | ATLETIKO M | 31 | 19 | 4 | 8 | 59-36 | 61 |
| 5 | ATLETIK B | 31 | 16 | 9 | 6 | 51-29 | 57 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 31 | 13 | 11 | 7 | 45-33 | 50 |
| 7 | WALENSIÝA | 31 | 13 | 8 | 10 | 34-32 | 47 |
| 8 | BETIS | 31 | 11 | 12 | 8 | 38-37 | 45 |
| 9 | WILÝARREAL | 31 | 10 | 9 | 12 | 49-54 | 39 |
| 10 | HETAFE | 31 | 9 | 12 | 10 | 37-43 | 39 |
| 11 | OSASUNA | 31 | 11 | 6 | 14 | 36-44 | 39 |
| 12 | LAS PALMAS | 31 | 10 | 7 | 14 | 29-35 | 37 |
| 13 | SEWILÝA | 31 | 8 | 10 | 13 | 39-44 | 34 |
| 14 | ALAWES | 31 | 8 | 8 | 15 | 26-38 | 32 |
| 15 | MALÝORKA | 31 | 6 | 13 | 12 | 25-36 | 31 |
| 16 | R. WALLEKANO | 31 | 6 | 13 | 12 | 25-38 | 31 |
| 17 | SELTA | 31 | 6 | 10 | 15 | 33-46 | 28 |
| 18 | KADIZ | 31 | 4 | 13 | 14 | 21-41 | 25 |
| 19 | GRANADA | 31 | 3 | 8 | 20 | 32-60 | 17 |
| 20 | ALMERIÝA | 31 | 1 | 11 | 19 | 30-62 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Artem DOWBYK (Žirona) | 17 |
| 2 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 16 |
| 4 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 14 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 32 | 26 | 5 | 1 | 77-17 | 83 |
| 2 | MILAN | 32 | 21 | 6 | 5 | 63-37 | 69 |
| 3 | ÝUWENTUS | 32 | 18 | 9 | 5 | 45-24 | 63 |
| 4 | BOLONÝA | 32 | 16 | 11 | 5 | 45-25 | 59 |
| 5 | ROMA | 31 | 16 | 7 | 8 | 56-35 | 55 |
| 6 | ATALANTA | 31 | 15 | 6 | 10 | 57-36 | 51 |
| 7 | LASIO | 32 | 15 | 4 | 13 | 41-35 | 49 |
| 8 | NAPOLI | 32 | 13 | 10 | 9 | 50-40 | 49 |
| 9 | TORINO | 32 | 11 | 12 | 9 | 31-29 | 45 |
| 10 | FIORENTINA | 31 | 12 | 8 | 11 | 43-36 | 44 |
| 11 | MONZA | 32 | 11 | 10 | 11 | 34-41 | 43 |
| 12 | JENOA | 32 | 9 | 12 | 11 | 35-39 | 39 |
| 13 | LEÇÇE | 32 | 7 | 11 | 14 | 27-48 | 32 |
| 14 | KALIARI | 32 | 7 | 10 | 15 | 34-54 | 31 |
| 15 | WERONA | 32 | 6 | 10 | 16 | 30-44 | 28 |
| 16 | UDINEZE | 31 | 4 | 16 | 11 | 30-47 | 28 |
| 17 | EMPOLI | 32 | 7 | 7 | 18 | 25-48 | 28 |
| 18 | FROZINONE | 32 | 6 | 9 | 17 | 40-63 | 27 |
| 19 | SASSUOLO | 32 | 6 | 8 | 18 | 39-62 | 26 |
| 20 | SALERNITANA | 32 | 2 | 9 | 21 | 26-68 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 15 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 13 |
| 4 | Albert GUDMUNDSSON (Jenoa) | 13 |
| 5 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 13 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER (Ç) | 29 | 25 | 4 | 0 | 74-19 | 79 |
| 2 | BAWARIÝA | 29 | 20 | 3 | 6 | 82-36 | 63 |
| 3 | ŞTUTGART | 29 | 20 | 3 | 6 | 67-34 | 63 |
| 4 | LEIPSIG | 29 | 17 | 5 | 7 | 67-33 | 56 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 29 | 16 | 8 | 5 | 57-34 | 56 |
| 6 | AÝNTRAHT | 29 | 10 | 12 | 7 | 43-39 | 42 |
| 7 | AUGSBURG | 29 | 10 | 9 | 10 | 47-46 | 39 |
| 8 | FRAÝBURG | 29 | 11 | 6 | 12 | 41-52 | 39 |
| 9 | HOFFENHAÝM | 29 | 10 | 6 | 13 | 49-57 | 36 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 29 | 8 | 10 | 11 | 42-50 | 34 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 29 | 7 | 10 | 12 | 50-56 | 31 |
| 12 | WERDER | 29 | 8 | 7 | 14 | 36-49 | 31 |
| 13 | UNION BERLIN | 29 | 8 | 5 | 16 | 25-45 | 29 |
| 14 | WOLFSBURG | 29 | 7 | 7 | 15 | 34-50 | 28 |
| 15 | BOHUM | 29 | 5 | 12 | 12 | 34-59 | 27 |
| 16 | MAÝNS | 29 | 5 | 11 | 13 | 30-47 | 26 |
| 17 | KÖLN | 29 | 4 | 10 | 15 | 23-51 | 22 |
| 18 | DARMŞTADT | 29 | 2 | 8 | 19 | 28-72 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 32 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 25 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 22 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 16 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 15 |

# «MANÇESTER SITI» BIR ÄDIM ÖŇE GEÇDI

Angliýanyň çempionatynda çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edip, «Arsenaldyr» «Liwerpul» 33-nji tapgyrda öz meýdançalarynda ýeňlişe sezewar boldy. «Arsenal» Londonda «Aston Willadan» soňky 6 minutda geçirden 2 goly esasynda 2–0 hasabynda ýeňildi. Gollary 84-nji minutda Beýli, 87-nji minutda-da Watkins geçirdi. «Arsenal» 2024-nji



ýyla geçip, çempionatda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Topçular «Aston Willadan» myhmançylykda-da utulypdy (1–0). «Liwerpul» hem öz meýdançasynda «Kristal Palasdan» 1–0 asgyn gelip, ýeke-täk goly 14-nji minutda Ebereçi Eze derweze girizdi. Öz meýdançasynda «Luton Tawn» toparyny 5–1 hasabynda ýeňen «Mançester Siti» garşydaşlaryndan 2 utuk öňe saýlanyp, sanawyň 1-nji ornuna beýgeldi. «Nýukaslyň» «Tottenhamy» 4–0 ýeňen tapgyrynda «Çelsi» öz meýdançasynda «Ewertonyň» derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdi. Gollaryň 4-sini 16 minutda het-trik eden Koul Palmer öz adyna ýazdyrdy. Ol 13-nji, 18-nji, 29-njy hem-de 64-nji (p) minutlarda tapawutlanyp, Frank Lamparddan soň «Çelside» bir oýunda 4 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Onuň gollarynyň sany 20-ä ýetip, ol «Çelside» bir möwsümde 20 gol geçiren 5-nji futbolçy boldy (Lampard, Hasselbaýnk, Drogba, Diego Kosta).



Koul Palmer

### DERBIDE ÇEMPIONLYGYNY YGLAN EDIP BILER

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Kaliari» bilen duşuşyp, 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. «Interiň» gollaryny Turam bilen penaltiden Çalhanoglu, «Kaliariniň» gollaryny bolsa Şomurodow bilen Wiola geçirdi. «Milan» myhmançylykda «Sassuolo» bilen duşuşyp, garşydaşynyň 3–1 hasabynda öňe saýlanandygyna garamazdan, meýdançany deňme-deňlik bilen terk etmegi başardy. Pinamonti bilen Llorenteniň (2) gollaryna «Milan» Leao, Ýowiç hem-de Okaforyň gollary bilen jogap berdi. Bu netijelerden soň, 14 utuklyk aratapawut saklanyp, «Inter» indiki tapgyrda myhmançylykda «Milan» bilen geçirjek derbi duşuşygynda ýeňiş gazanan ýagdaýynda 20-nji çempionlygyny yglan eder.



### 9 OÝNUŇ 7-si DEŇLIKDE TAMAMLANDY

«Serie A»-da 32-nji tapgyrda geçirilen 9 duşuşygyň 7-si deňlikde tamamlandy. Turin derbisinde «Torino» bilen «Ýuwentusyň» arasyndaky oýunda-da hasap açylmady. Soňky çempion «Napoli» toparyna öz meýdançasynda «Frozinone» toparyny ýeňmek başartmady (2–2). «Udineze» — «Roma» duşuşygy 1–1 deňlikde dowam edýän mahaly rimlileriň goragçysy Ewan Ndikanyň ýüreginde emele gelen näsazlyk sebäpli duşuşyk 75-nji minutda ýatyryldy.

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň 1-2-nji orunlaryndaky toparlaryň 2-si hem «El Klasikodan» öň myhmançylykda geçiren duşuşyklarynda iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. «Real Madrid» myhmançylykda «Malýorkany» Tçuameniniň, «Barselona» «Kadizi» Žoao Feliksiň ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. 3-nji ýer ugrunda göreşýän 2 toparyň duşuşygynda «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Žironany» kabul edip, garşydaşy Dowbygyň goly esasynda öňe saýlansa-da, Grizmann (2) hem-de Korreanyň gollary esasynda 3–1 hasabynda utdy.

